**Hydyr-Ylýas AMANGELDI**

# A T Y M – G A N A T Y M M E N I Ň
## (doly metražly çeper filmiň ssenarisi)

## PROLOG

Ýazyň güni. Dag. Daň ýaňy bildiripdir. Dag deresi bilen bukdaklap iki sany ýetginjek gelýär. Olaryň egni ýuka köýnekli, biriniň bilindäki guşagyna pyçak gysdyrylypdyr. Olar durup obany synlaýarlar. Dag etegindäki oba parahat. Bir ak öýüň öňünde üsti atkeçeli gazygynda aýlanyp duran at görünýär. Oglanlaryňam gözi şonda. Olar mähnet daşyň aňyrsynda durýarlar. Gözleri gorkuly, haşylaşyp dem alýarlar.
**Birinjisi: Görsene oň owadandygyny.**
**Ikinjisi: Eý, men-ä gorkýan. Ýüregim agzymdan çykyp barýar.**
**Birinjisi: Men-ä şol aty münmesemem, armanymdan ölerin.**
**Ikinjisi: Soňundan gowja ýenjilersiň.**
**Birinjisi:Urulanym hiç, atyň eýesi öldürmese bolýar.**
**Ikijisi: Birden ata bir zat bolaýsa, öldürse öldürerem.**
**Birinjisi: Ýekeje gezek münüp çapsam bolýar, öldürse öldüräýsin.**
Olaryň birinjisi ädimlerini seresap hem ýygjam basyp şol öýe tarap ugraýar. Ikinjisi yzyndan ýetýär.
**Ikinjisi: Dur, gitme...**
Ikinjisi ýapyşýar. Birinjisi elini silkip alýar-da, ata tarap dogumly ädimläp gidýär.
**Birinjisi: Şol atyň üstünde guş bolup uçsam bolýar.**
Ikinji oglan yzyna ylgap daşyň aňyrsynda gizlenip dostunyň yzyndan seredip galýar. At nätanyşy görüp hokranýar. Garaňkydan mähnet turkmen iti hyňranyp çykýar. Nätanyş oňa bir döwüm çörek oklap, itiň adyny tutýar. It ony tanap, oklanan çörege tarap gidýär. Nätanyş garanjaklap atyň ýanyna barýar. It ýene hyňranyp gelýär. Bir iki sapar ürýär. Itiň sesine öýden kyrk-elli ýaşlaryndaky çal sakgal adam çykýar. Ol atyň ýanyndaky garany görüp:
**At eýesi: Heý, näme işleýäň, atyň ýanynda?**
Nätanyş sese bir gaňrylýar-da atkeçesini hem aýyrman atlanýar. Bilindäki gamasy bilen tanapy kesýär. Debsiläp aty alyp gaçýar.
**At eýesi: Ah-ow! At gidendir.**
At eýesi goňşy öýe tarap ylgaýar. Onuň öňünden bir ýigit çykýar.
**At eýesi: Aý, oglum at gitdi. Ýetişeweriň!**
Oglan aty çapyp, gaçyp barýar, yzynda üç-dört atly kowgy görünýär. Olaryň arasynda at eýesem bar. Kowgy gitdigiçe golaýlaýar. Oglan howsalaly, aty gyssaýar.
**At eýesi: Kes, atkeçäň bajygyny! Öňki ýangonjy kes!**
Oglan at eýesiniň sesini eşidenden bilindäki pyçagyny çykaryp atkeçäniň öň bagyny kesýär. Atkeçäniň iki gapdaly çala açylýar. Aýaklary boşan at ýyldyrym ýaly çapyp kowgudan şobada arany açýar. Muny gören kowguçylara atlarynyň

başyny çekäýmekden başga alaç galmaýar. Olar At eýesine hem nägile, hem soragly seredýärler.
**At eýesi:** (müýnürgäp) **Atymy masgara edip barýas-a. Ol yzyndan at ýeten janewer däl-ä...**
**Kowguçylardan biri: Atyň masgara bolmasa, özümiz masgara bolduk. At-a elden gitdi.**
**At eýesi: Hany Oraz jarçy toýdaky ýaly gygyrsana. Sesiň belki atyň gulagynda galandyr.**
**Jarçy: (elini agzynyň öňüne tutup gygyrýar) Toýhana ýetensiňiz, gaýdyberiň-haw.**
Oglan atynyň badyny gowşadypdyr. Jarçyň sesine at keýerjekleýär. Birdenem yzyna serpýär. Oglan näme bolanyna düşünmän galýar. Ol atyny saklajak bolýar. At oňa eýgerdenok. Ol atdan özüni oklaýar. At üsti adamsyz gerşiň üstünde eýesine tarap bakyp dur. Kesilen tanap aşakda galgap görünýär. At eýesiniň ýanyna ikinji oglan gelýär.
**Ikinji oglan:** Aman aga o siziä atyäyzy ogurlajak bolmady. Atyňyzy münüp göresi geldi.
**Aman aga:** Münesi gelse gelip aýdaýmal-a.
Şol wagt režissýoruň sesi gelýär.
**Režissýor: Stop! Alyndy!**
Şu ýerde bolup geçen wakanyň hakykat däl-de kinodygy belli bolýar. Operator, kamera, kömekçi oglanlar görünýär. Artistler režissýoruň saklamagy bilen durýarlar. Uludan dem alýarlar.
Režissýor ýanyndaky ýaşula ýüzlenýär.
**Režissýor: Nätdi, Oraz aga boldumy? Meniň pikrimçe-hä, bolaýan ýaly.**
**Oraz aga: Kemi ýok, oglum bolubildi. Çynaberimsiz.**
**Režissýor: Siz biziň baş konsultantymyz, eger oglanlaň eşiginde, hereketlerinde, at çapyşlarynda, garaz sähel ýasamalyk gören bolsaňyz aýdyň.**
**Oraz aga: Ýok oglum, men-ä kemçilik görmedim.**
Rejissýor mähellä gygyrýar.
**Rejissýor: Ertire çenli hemmäňiz boş....**
Kömekçi oglanlardan bir ýigit Oraz agaň ýanyna gelýär. Olar ýöräp barýarlar.
**Kömekçi: Oraz aga, şeýle waka hakykatdanam durmuşda boldumyka?**
**Oraz aga: Durmuşd a her hili wakalar bolýar...**

Titr: **ATYM GANATYM MENIŇ**

**1-nji epizod.**
Obanyň at howlusy. Daň atyp barýar. Uzakdan horazyň sesi gelýär. Bir-biriniň üstüne örülip basylan ýorunja bedesi tam ýaly bolup dur. Beýleräkde, daşyna demir turbalar aýlanyp edilen giň ýatakda, bäş-alty sany taýly baýtal gezişip ýör. Olaryň

hokranmasy, bede iýýänleriniň dişleriniň sesi daňyň ümsümliginde täsin eşidilýär. Säheriň ýagtysynda olardan biriniň howsalaly hereketi görünýär. Ol ýaňy dünýä inen meleje taýyň daşynda hokranyp aýlanýar. Taýjagaz uzyn aýaklarynda zordan durýar. Çarşagy bilen ep-esli bedäni zordan göterip gelýän, mekdebiň soňky synpynda okaýan 16-17 ýaşlaryndaky atbakar oglan – Baýram täze dünýä inen taýjagazy görenden sakga durýar, ýüzi ýagtylyp gidýär. Bedesini duran ýerinde goýup, taýjagaza ýylgyryp, seredýär. Taýjagaz hem oglana tarap tagaşyksyz ädimler ädýär. Baýram oňa elini uzadýar. Enesi taýyny oglandan gabanyp öňüni ýapýar. Baýram Oraz agaň bolýan jaýyna tarap ylgaýar hem gygyrýar:
**Baýram: Oraz aga buşluk, taýjagaz...**
Daň ýuwaş-ýuwaş atýar. Töwerek bildirmän ýagtylýar. At howlynyň öňündäki kiçiräk jaý, onuň öňündäki agaçlar indi has gowy bildirýär. Jaýdan çalaran sakaly döşüni tutup duran – Oraz aga çykýar. Onuň nurana ýüzi ýylgyrýar. Oraz aga bilen Baýram taýjagazy görmäge gaýdýarlar.
**Baýram: Ediljek atasy. Aýajyklary uzyn...**
Oraz aga oglanyň egnine elini atýar. Baýramyň çaga ýaly begenşine söýünç alamatlary gözlerinde görünýär.
**Oraz aga: Ýaňy bolan taýyň aýagy uzun bolar, Baýram jan.**
Baýramyň begenjiniň çägi ýok. Ol özüniň aýaklarynyň ýere degýänini hem duýanok. Guşlar uçuşyp ýör. Horazlaryň sesi has ýiti hem yzly-yzyna eşidilýär. Oraz aga bilen Baýram ýaňy bolan taýyň ýatagynyň ýanyna gelýärler. Taýjagaz enesini emip dur. Onuň enesi adamyň gelenine birahat bolýar.
**Baýram: Atasyna meňzeýär gerek? Serä?**
Oraz aga taýy her tarapdan synlamaga çalyşýar. Baýram hem taýjagaza hem ony üns bilen synlaýan Oraz aga seredýär.
**Baýram: Gulajyklaryny... Adyna näme dakarys?**
Oraz aga jogap berenok. Taýjagaz özüni synlatmak isleýän ýaly Oraz aga tarap öwrülýär. Enesi hokranyp, bir ýerde durup bilenok.
**Oraz aga: Serä meňzese-hä... yzyna at eýgermez. Tüweleme... Taýjagazyň adyna Kiçi Sere diýäýeli, Baýram jan?**
Taýjagaz Baýrama tarap golaýlaýar. Baýram elini uzadyp onuň maňlaýyny sypalaýar.
**Baýram: Kiçi Sere, Kiçi Sere... Kiçi... Gowjadygyny...**
**Oraz aga: Ýadyňa düşýärmi kiçijikkäň senem taýçanak bolupdyň. Baýtalyň süýdüni içipdiň...**
Baýram hem utanýar, hem ýylgyrýar.

**2-nji epizod**

Egni ýeňsiz içmekli Baýramyň ejesi Maýanyň ýüzi aladaly. Gaşlary çytyk. Içmegini ýelbegeý atynan Oraz aga jaýyndan çykýar. Ýaşmakly gelin elndäki gaby Oraz aga uzadýar. Oraz aga gaby alyp, Maýa bir seredýär-de soraýar:
**Oraz aga: Baýtalyň süýdi gerekmi?**
Gelin „Hawa, hawa“ diýýän äheňde yzly-yzyna baş atýar.
**Oraz aga: Hä, häzir, gelin...**

Oraz aga gelniň elindäki gaby alyp athana tarap ugraýar. Onuň uzyn içmegi ýere ýetip barýar.

**Oraz aga: Ýoňlajak bolaýdymy? Gyzgyny barmy?**

Maýa tassyklap baş atýar.

**Oraz aga: Hä, ynha em bolar. Gelnim, sen Baýram janyň ejes-ä däl?**

Gelin ýene tassyklap baş atýar.

**Oraz aga: Tanamandyrynam.**

Gyşyň güni bolansoň athananyň öňi, daşky ýataklar boş. Ýere ýukajyk gar ýagypdyr. At ýataga tarap ýörelýän ýoluň gary eräp, inçejik ýodajyk emele gelipdir. Oraz aga athana girýär. Atlaryň hokranyşýan sesleri gelýär. Höwür aty kellesini ýatagyndan çala çykaryp, ýuwaşja kişňeýär. Oraz aga Maýanyň beren gabyny yzyna berýär, içmegini çykaryp çüýden asýar. Diwara kakylan çüýlerden atyň kellekisi, bir bölek tanap, jylaw asylypdyr. Baýramyň ejesi Oraz aganyň howluganyny isleýär. Emma ejap edip zat diýip bilmeýär. Elindäki boş gaba seredýär. Oraz aga howlukman ýol ugrunda goýlan boş bedrani bir gyra aýyrýar.

**Oraz aga: Getir. Baýram görnenok diýýän-le. Çagajyk ýatyr diýsene.**

Oraz aga gelniň elindäki boş gaby alyp, garşydaky atýatagyň gapysyny açýar. Taýly baýtal hokranyp gapa gelýär.

**Oraz aga: Gapyň agzynda duraý. Men derrew... Dur janawer... Dur akyllym... Dur...**

Oraz aga emaý bilen baryp baýtaly sagmaga başlaýar. Onuň taýjagazy enesiniň boýnunyň aşagyndan jyklap, gapyny saklap duran Baýramyň ejesine seredýär. Taýjagaz seresaplyk bilen, gorka-gorka Maýa tarap bir-iki ädim ädýär. Taýyny gabanýan baýtal alma ýaly gözlerini tegeläp taýyna hem geline seredýär. Gaba sagylýan süýdüň sesi eşidilýär, gapdan daşyna süýt damjalary syçraýar. Seis aga bir elinde gap, beýleki eli bilen hem baýtaly sagýar.

**Oraz aga: Akyllymdyr... Akylly...**

Taýjagaz Baýramyň ejesiniň ýanyna ýakyn gelýär. Ol taýjagaza elini uzatman durup bilmeýär. Maňlaýy sakarja taý kän bir ürküp hem duranok. Gelin taýjagazyň maňlaýyny sypalaýar welin, enesi taýyna bir zat bolaryndan gorkýan ýaly çala hokranýar, gaňrylyp, Maýa seredýär, emma duran ýerinden butnamaýar.

**Oraz aga: Ana, boldy. Gelin, menem bile gideýin. Baýram jany görüp gaýdaýyn.**

Oraz aga baýtalyň süýdüni alyp, Maýa bilen birlikde Baýramlara tarap gaýdýar. Oba-da at howludan kän bir uzakda däl. Bir az oýrakda ýerleşýän oba hellewläp görünýär. Arada ýol gyrasynda mähnet ýeke tut ösüp otyr. Alagar meýdanda, ýalaňaç tut çybygynyň üstünde üşän serçejik hüžžerlip otyr. Ol bir ýaşuly bilen gelniň howlukmaç gelýänini görüp, uçup gidýär.

**3-nji epizod**

Ýaramaýan 9-10 ýaşly Baýramjyk ýassykdan başyny galdyrman ýatyr. Gyzgyny galan çaganyň ýaňaklary gyzarypdyr. Oraz aga eliniň aýasynda süýdi ýyladýar.

**Oraz aga: Şuny iç, bakaly. Özüňem taýçanak bolup bökersiň. Seni ata mündirjek bolup ýörün. Sen bolsa ýatyrsyň.**

Maýa, Oraz aga oňa süýdi içirýärler. Ejesi Baýramyň ýassygynyň aşagyndan onuň çeken suratlaryny çykarýar, Oraz aga uzadýar. Olaryň hemmesinde, çapyp barýan, ýyldyzlaryň, Aýyň deňesinde süýnüp barýan, çeşmäň gyrasynda suw içip duran, otlaşyp ýören... atlar çekilipdir. Oraz aga owadan ýylgyryp, olara göz gezdirýär. Şol wagt Baýramyň kakasy Sapa gelýär. Oraz aga bilen salamlaşýar. Aýalyna ýüzlenip:

**Sapa: Baýram jan nähili? Ýagşylaşýarmy?**

Aýaly oňa baş atyp jogap berýär.

**Oraz aga: Ogluň taýçanak bolandyr. Indi basym gutular, inşalla. Muň aty gowy göräýşi ýürekden.** Elindäki suratlary Sapa uzadýar. **Tüweleme. At çapar, seýis bolar inşalla...**

Sapa suratlary göwünsiz alyp, gapdala oklaýar. Oraz aga onuň bu bolşuny geň görýär, emma syr bermeýär. Baýram gözüni süzüp ýatyr. Düýşünde bulutlaryň arasynda at münýär. Oraz aga atyň başyndan tutupdyr. Az salymdan atyň jylawyny oglanjygyň eline berýär.

**Oraz aga: Çap oglum...**

Indi Baýramyň ýeke özi at çapýar. Bulutlar atyň aýagynyň aşagynda bölek-bölek bölünip, ýokary galýar. Ol ýerden çapyp barýarmy, asmanda uçýarmy bildirenok. Şemala oglanjygyň köýnejigi pasyrdaýar. Oglanjyk hyrçyny dişläp, jylawdan berk ýapyşyp, asmanda at çapýar. Uzakdan dutaryň sesi hem atyň toýnaklarynyň sesi bolup eşidilýär. Birden çagajyk üsgürip başlaýar. Ukudan oýanýar.

**Oraz aga: Wah, çaga... gowja sowuklapdyr...**

Ejesi Baýramy gujaklaýar. Çaga ejesiniň gujagyndan aşak syrygyp, başyny ýassyga ýetirýär. Oraz aga onuň kellesiniň aşagyna elini goýup, çala galdyrýar. Beýleki eli bilen bolsa, oňa ýene süýt içirýär.

**Oraz aga: Iç, oglum...**

Çagajyk pökgüje dodaklaryny süýtli gabyň gyrasyna eltýär. Iki owurt owurtlaýar.

**Oraz aga: Derman bolsun...**

Çaga süýtli gapdan agzyny aýryp, kellesini ýassyga goýjak bolýar.

**Oraz aga: Ýene-de azajyk içäý, Baýram jan.**

Baýram ýene süýde tarap boýnuny uzadýar:

**Oraz aga: Iç, taýçanagym...**

Baýram bu gezek has köp içýär.

**Oraz aga:** Ine, boldy.

Baýram kellesini ýassyga goýýar.

**Oraz aga: Men indi turaýyn, em bolsun.**

**Sapa: Çaý içip gidäýmeli ekeniňiz.**

**Oraz aga: Ýok, gideýin. At howluda adam ýokdur. Sag oturyň.**

Oraza çykyp gidýär.

**Sapa: Baýtal süýdüni kim içir diýdi?**

Sapa oglunyň çeken suratlaryny ýyrtýar.

**Maýa: Bu näme etdigiň boldy?**

**Sapa: Baýtal süýdüni kim içir diýdi?**

Oglanjygam sesini çykarman gözlerini gorkuly mölerdip ýatyr.

**Maýa: Lukmanmandan soradym.**

**Sapa: Men saňa küşt aldym. Gör bulary. Ine, patyşa, ine perzi....**
Baýram küşt çöpleriniň arasynda ýatan aty eline alýar. Ony gysymlap, gujagyna gysýar, aňyrsyna öwrülýär...

**4-nji epizod.**
1-nji epizodyň tamamlanan ýeri. Taýjagaz enesini emip dur. Baýram taýyň adyny tutup, oturýar, turýar. Taýy sypalajak bolýar. Oraz agaň sesi gelýär.
**Baýram gaýdaňokmy?**
**Baýram: Häzir gaýtjak. Bu gün dynç, okuw ýok.**
Şol wagt Baýramyň kakasy Sapa gelýär.
**Sapa: Näme işleýäň, bu wagta çenli bärde. Ýör öýe!**
Baýram ogurlykda tutulan ýaly dikelýär. Keýpi gaçýar. Kakasynyň öňüne düşüp ugraýar.
**Sapa: Ejeň nahar etdi, garaşyp otyr.**
Şol wagt Oraz aga at ýatakdan çykýar. Sapa gelşik üçin  onuň bilen salamlaşýar.
**Oraz aga: Oglan-da, taýjagazyň ýanyndan aýrylyp bilmän otyr-da...**
Sapa Oraz aga jogap berenok. Ataly ogul, öňde Baýram athowludan daşlaşyp barýarlar.
**Sapa: Näme ogul jigiň boldumy, ýanyndan aýrylyp bilmän...**
Baýram sesini çykaranok.

**5-nji epizod**

Wagt geçipdir, Kiçi Sere biraz ulalypdyr.
**Baýram: Jigim... jigim... Kiçim... Meň kiçijik jigim...**
Baýram meleje taýy – Kiçi Seräni gujaklaýar, ýalyny sypalaýar, gant berýär. Taýjagaz Baýramyň yzyndan galanok. Baýram hem gülýär, hem  taýdan gaçan bolýar. Taýam yzynda. Oraz aga muňa ýylgyryp seredýär. Baýram bedäň aňyrsynda bukulyp durýar. Taýjagazam ýuwaşjadan gelip ony tapýar. Oglan bedäň içine gömülýär, taý ýene tapýar. “Oraz aga, görsene.” Durup, gant berýär.

**6-njy epizod**
Baýram saçagyň üstünde süýjülerden atyň kellesini çekýär. Munuň üstüne kakasy gelýär. Seredip durýar. “Öýde süýji goýmadyň. Sen haçan ulaljak.” Oglanjyk çeken suratyny pozup, süýjüleri ýygnap gabyna salýar.

**7-nji epizod**
Taýlary süýtden aýrylýar. Başagaýlyk. Oglan taýlary 0şsaklajak bolýar. Kiçi Sere urduryp daşyna çykýar. Onuň yzy bilen beýleki taýlaram çykýar. Baýram taýlary saklap bilmänine müýnirgeýär. Olar baýtallary bilen taýlary gaýtadan yzyna, agyla salýarlar. Oraz aga eline gamçy alýar.

**Oraz aga: Hany sen, baýtallary çykar, taýlary özüm saklaýyn.**

Oraz aga eli gamçyly taýalaryň öňünde durýar. Oglan baýtallaryaýry ýataga salýar. Taýlar kişňäp galýarlar. Soň Baýram gelip görse, Kiçi Seräň aýagy sypjyrlypdyr. Baýram uly hadysa bolan ýaly Oraz agaň ýanyna ylgaýar.

**Baýram: Seýis aga, Kiçim aýagyny ganadypdyr.**

Seýis aga gelip taýyň aýagyny görýär.

**Oraz aga: Gorkma, hiç zat bolmandyr. Häzir melhemjik ýapaly.**

Oraz aga Baýram bilen taýyň aýagyna melhem ýapyp daňýarlar. Baýramyň ýeke özi taýyň ýanynda galýar. Boýnuny sypalaýar, ýalyny daraklaýar. Taýyň gözi daşarda, kişňeýär.

**Baýram: Sen indi ulaldyň-a. Münüş öwrenmeli, aýlawda çapmaly, birinji bolarys. Aýagyňam gutalar diýdi Seýis aga.**

**8-nji epizod**

Güýzüň ortaky aýynyň bir güni. Ýorunjaly peliň ýakasyndan çeşmäň dury suwy akyp ýatyr. Çynar agaçlarynyň ýapragy saralyp ugrapdyr. Diňe ýorunja gülläp otyr. Baýram Kiçi Seräni aýlap ýör. Kiçi Sere-de ulalypdyr. Taýyň özüne laýyk kellekisi oňa hasam gelşik berýär. Uzakdan torgaýyň sesi gelýär. Baýram uzyn tutup duran ýüpüni çala silkip, dodaklarynyň arasyndan ses çykarýar.

**Baýram: Hany...**

Kiçi Sere emre tabyn ýuwaşjadan gorgun atyp, tanapy tutup duran oglanyň daşyndan aýlanyp başlaýar.

**Baýram: Berekella...**

Kiçi Sere göterlip, öňürdiklejek (çala çapjak) bolýar. Baýram tanapy silkip, onuň badyny alýar.

**Baýram: Howlukma... Gorgun... Hä...**

Taý bir sydyrgyn çapyp başlaýar. Oglan atynyň şar gara inçe aýaklaryna, arkasynyň mele reňkiniň lowurdysyna guwanç bilen seredýär. Kiçi Sere-de, hamala, Baýrama ähli owadanlygy bilen görünmek isleýäne meňzeýär.
Pesaýja ösýän şemala atyň toýnaklarynyň astyndan göterilýän sähelçe tozan töwerege sepilýän ýaly ýaýrap gidýär. Güllän ýorunjalar şemala yranyp dur. Ýorunjalygyň aňyrsyndaky athanadan Oraz aga bilen Şatlyk ýuwaşja ýöräp gelýär. Oraz aga gelşine aty synlaýar. Oraz agany gören Baýram aty saklaýar. Oraz aga tanapy alýar.

**Oraz aga: Şatlyk sen kellekiden tut. Baýram jan, senem ýuwaşlyk bilen atlan. Gorkmagyn. Gaty jyrtlaberse syryl-da düşäý. Seresapja bolgun... Hany, dogumlan... Hä...**

Şatlyk kellekiden berk tutup dur. At gorkuly seredýär. Baýram usulluk bilen oňa atlanýar. Kiçi Sere gozganman dur. Baýram taýy ýöretmäge çalyşýar.

**Oraz aga: Kiçim, gorkma, gorkma... Hany, ýöre janawer... ýöre...**

Kiçi Sere Baýramyň düşmejegine gözi ýeten ýaly, dört aýagyny hem ýygnap, birden özüni ýere goýberýär. Baýram aýagy ýere degen badyna, beýläk aýrylýar welin, taý ýerinden turýar. Baýram ýene oňa atlanýar. Kiçi Sere ýene ýere ýatýar. Baýram hem çalasyn beýläk aýrylýar. Baýram taýyň bu bolşuna gülýär. Oraz aga ýüzüniň derini sylýar. Aladaly görünýär.

**Oraz aga: Taýlaň bu-da bir oýunjygydyr.**

**Baýram: Kiçim, masgara etmesene...**

**Oraz aga: Seresap bol.**

Baýram ýene taýa münýär. Taýyň gowy ýadandygy bildirýär. Şol wagt hem ýene özüni ýere goýberen taý Baýrama tarap togalanýar. Baýram bu gezek gapdala aýrylyp ýetişmeýär, taýyň aşagynda galýar. Atyň öň aýagynyň biri Baýramyň döşünde. Ol sähel agramyny atsa, oglanyň döşüni mynjyratjak.

**Oraz aga: Haýt... haýt...**

Şatlyk gorkusyna iki elini ýanbaşyna urup duran ýerinde çala towusýar. Soň doňup galýar. Baýram hem gözlerini petredip, döşüniň üstünde duran atyň ýiti toýnagyna seredýär. Hadysa göz-açyp ýumasy salymda bolup geçýär. Taý edil haýalladylan ýaly, ýuwaşlyk bilen üç aýagynda, Baýramyň döşüne agramyny atman turýar. Baýram hem bolan zatlara haýran, ýatan ýernden dikelip oturýar. Oraz aga tanapy taşlap, ylgap Baýramyň ýanyna gelýär. Entek gorkudan aýňalyp bilmän oturan oglanyň elinden tutup ony turuzýar. Şatlygam gelýär.

**Oraz aga: Hiç zat bolmady gerek?**

Gözlerine-de ynanmaýan ýaly oglanyň döşüni elleşdirip görýär.

**Baýram: Ýok, hiç zat...**

Şatlyk dostunyň üstüniň tozanyny kakyşdyrýar. Tanapy goýberilen taý hem gaçman aňyrdan günäkär ýaly, seredip dur.

**Şatlyk: Eý, basaýan bolsa näderdiň?**

**Baýram: Adamam dostuny ynjadarmy?**

**Şatlyk: O adam däl-ä?**

**Baýram: Adam dälmi?**

**Oraz aga: Şatlyk oglum, adamam bilmän dostuny ynjadyp biler, ýöne at welin ynjytmaz.**

Baýram özüni tutýar. Başardygyndan gorkanyny gizlemäge çalyşýar, ysgynsyz ýylgyrýar. Ýorunjaly peliň gyrasyny syryp akýan suwly ýapdan ýüzüni ýuwýar. Saçlaryny barmagy bilen daraklan bolýar, düzedişdirýär. Şatlyk ylgap baryp boş duran taýyň tanapyny ýerden alýar.

**9-njy epizod**

Arzygüliň haly dokap oturan elleri görünýär. Dokalyp bolunan dogabagynyň ýüzünde “Kiçi Sere” diýen ýazgy okalýar.  Arzygüliň ýanynda jorasy Jerenem bar. Ol dogabagyny sypaýar.

**Jeren: Gowjadygyny!**
Jeren el telefonyndan nomer aýlap başlaýar.
**Jeren: Baýrama jaň edeýin.**
**Arzygül: Duraweri.**
Ol Jereniň telefonyna ýapyşýar.
**Jeren: Näme boldy gyz?**
Arzygül näme diýjegini bilmän aşak bakýar.
**Jeren: Wiý, gelsin alsyn-da.**
**Arzygül: Ýok-la gyz, utanýan.**
**Jeren: Dagy ony kim üçin dokadyň?**
**Arzygül: Çaýym gaýnandyr.**
Turup gidýär. Jeren ýylgyryp onuň yzyndan serdiýär. Az salymdan Arzygül dolanyp gelýär.
**Jeren: A gyz, muny kesjek dälmi?**
Arzygül gaýçyny eline alýar.
**Jeren: Aljyrap eliňi bir kesäýme.**
Jeren çalaja gülýär. Arzygüliň ýene ýüzi gyzaryp gidýär. **Ol gaýçysyny alyp, dogabagyny kesýär.**
**Jeren: Baýram-a begener.**
Arzygül oňa jogap berenok. Birden Jereniň ýüzi ýagtylyp gidýär.
**Jeren: Athowla äkideli-de, Oraz aga goýup gaýdybereli...**

**10-nji epizod**
Dogabagy Oraz agaň elinde. Arzygül yzyrakda utanyp, Jeren öňräkde Oraz aganyň dogabagyny synlaýşyna seredip durlar.
**Oraz aga: Tüweleme, bile dokadyňyzmy?**
**Jeren: Ýok, Arzygülüň ýeke özi.**
Arzygül utanyp ýere bakýar.
**Oraz aga: Tüweleme, tüweleme...**
**Jeren: Kiçi bolmaz gerek?**
Şol wagt Kiçi Seräň üstünde Baýram, Kümüşlide Şatlyk görünýär.
**Oraz aga: Bolaýdy bul-a, häzir dakyp göräýeris. Oglanlar görüň-ä muny...**
Baýram gyzlary görüp atynyň başyny çekýär. Şatlyk öňe düşýär. Gyzlar atlylara ýol berip gapdala çekilýärler.
**Şatlyk: Salam, gyzlar. Näm-aý o Oraz aga? Dogabagymy?!**
**Oraz aga: Arzygül jan Kiçi Serä dokapdyr. Baýram, aty getir dakyp göreli.**
Baýram aty getirip, düşjek bolýar.
**Oraz aga: Düşme, düşme, özümiz dakarys.**
Oraz aga dogabagyny dakýar.
**Oraz aga: Edil biçilen ýaly-da.**
**Baýram minnetdar ýylgyryp Arzygüle seredýär. Arzygül utnajyna ýere seredip dur. Ol özüne zor salyp gabagyny galdyrýar. Baýram ikisiniň gözleri bir-birinde eglenýär. Şatlygyň sesi gelýär.**
**Şatlyk: Gowy gelişdi.**
Maşyn sesi eşidilýär. Baýram gaňrylyp maşynyň sesiniň gelen tarapyna seredýär.

Aňyrdan awtobus gelýär-de, atlaryň, Oraz agaň deňinde saklanýar. Ondan daşary ýurtly myhmanlar düşýär.
**Myhmanlaryň ýolbaşçysy: Oraz aga, bu myhmanlar, atsöýüjiler. Angliýadan, Ýaponiýadan, Amerikadan, Orsýetden... gelipdirler. Olara atlaryňyzy görkezäýseňiz...**
**Oraz aga: Baş üstüne.**
Muhmanlar Oraz agaň hem atlaryň daşyna üýşýärler. Myhmanlardan biri dogabagyny görkezip o barada soraýar. Terjimeçi terjime edýär.
**Oraz aga: Hä, bu dogabagy. Munuň gyzyl-kümüşden edilenem bar, dokalanam. Ýaňja gyzlarymyz dokap getirdi.**
Oraz aga olary myhmanlara görkezýär. Myhmanlar çapak çarpýarlar. Olaryň birnäçesi aty, dogabagyny surata düşürýärler. Olaryň özara wagyrdysy eşdilýär. Olar gyzlary yşarat bilen ýanlaryna çagyrýarlar.
**Terjimeçi: Siz dokadyňyzmy? Tüweleme. Myhmanlar siziň bilen tanyşmak isleýär.**
Gyzlar ýakyna gelýärler. Olar üýşüp surata düşýärler.
**Myhmanlaryň biri: Muny näçe wagtda dokadyňyz?**
**Arzygül: Başyndan turman, ýörite iş edinseň 10 gün.**
**Myhman: Nähili çeper. Berekella.**
**Oraz aga: Beýleki atlaram getiräýsin oglanlar?**
**Terjimeçi: Hawa-la görkeziberiň.**
**Oraz aga: Oglanlar, beýleki atlaram ýeke-ýeke çykaraýyň, eşigiňizem çalşaýyň.**
Oglanlar atlaryny alyp, athana tarap ugraýarlar. Baýram atyň üstünde ýene Arzygüle serdýär.Arzygülem oňa seredýär. Şol wagt myhmanlardan bir aýal Arzygülüň köýneginiň ýakasynyň nagşyna haýran galyp, elläp görýär.
**Myhman: Köýnekleri gyzlaryňyza örän gowy gelşipdir. Bu lybaslaryň modelýeri kim?**
**Terjimeçi: Türkmen gyzlary birnäçe asyr mundan öň hem şunuň ýaly geýnipdirler. Bu biziň milli lybasymyz.**
**Myhman: Hä, siz olary baýramçylyklarda geýýäňizmi? Bu gün nämäniň baýramçylygy?**
**Terjimeçi: Ýok-ýok baýramçylyk däl. Gyzlarymyz mydamam şeýle geýinýärler.**
Myhman haýran galýar. Gyzlar bilen aýratynlykda surata düşýär. Şol wagt ak telpek, ezýaka köýnek geýen Baýram dor aty alyp çykýar. Umumy plan. Oraz agaň sesi gelýär.
**Oraz aga: Üns beriň, bu atyň üç aýagy ak.**
Myhmanlar aty surata düşürýärler. Terjimeçiň sesi gelýär.
**Oraz aga: Bizde şeý diýilýär: Atyň bir aýagy ak bolsa, bir pul...**
Terjimeçiň terjime edýän sesi gelýär.
**Oraz aga: Ikisi ak bolsa, iki pul... (terjime) ... Üçüsi ak bolsa üç pul, dördüsi ak bolsa...”**
Myhmanlardan biri iňlisçe bir zatlar diýip gülýär.
**Terjimeçi: “Dördüsi ak bolsa, dört pul” diýýärler.**

**Oraz aga: Ýok. Hiç pul. Bu diýildigi atyň bir aýagy ak bolsa gowy, iki aýagy ak bolsa has gowy, üçüsi ak bolsa ondanam gowy, dördüsi ak bolsa gowy däl diýildigi.**
**Myhman: O näme üçin, gowy däl?**
**Oraz aga: Ýaňky sözüň öz manysy bar. Atyň sakary ullakan, aýaklarynyň agy köp, bilegine çenli bolsa, onuň neslinden ala atyň dogmagy hem mümkin. Ala aty bolsa, bizde halamaýarlar. Siziň ýurduňyzda ala atlar bar, bizde ýok diýen ýalydyr.**
Aty aýlap duran Baýram Arzygüle seredip ýylgyrýar. Arzygül utanyp aşak seredýär. Saz Oraz aganyňam, beýleki seslerem basýar. Arzygül bilen Baýramyň gözleri gürleşýär. Görkezilýän atlar gezek-gezegine çalyşýar. Olar bir-birinden owadan. Baýram bilen Arzygülüň bir-birine jadyly seretmeleri hem parallel görkezilýär.
Myhmanlar hoşlaşyp awtobusa münüp durlar. Baýramyň elinde dogabagy. Şatlyk onuň ýanyna gelýär.
**Şatlyk: Eý, oň ýüzünde „B“ harpam barmy?**
**Baýram: „B“-maý şol, ol-a nagyş.**
**Şatlyk: Nagyş bolaýşyny.**
**Baýram: Sen bara... Saňa bir zatlar tosla diýseň...**
Oraz aga gelýär. Oglanlar degişmelerini goýýarlar.
**Oraz aga: Baýram jan, hany sen bärik gel.**
Baýram Oraz agaň ýanyna gelýär. Ikisi ýanaşyp gidýärler. Oraz aga elini Baýramyň egnine goýýar. Bir zat aýtjak bolýany, ugruny tapmaýany bildirýär.
**Oraz aga: Oglum, birki gün bäri bir alada galandyryn.**
**Baýram: Näme boldy Seýis aga.**
**Oraz aga: Üýtgeşik bolan zadam ýok. Atlary aýlawa äkitmeli. Çapuwlar ýetip gelýär. Aýlawda seýislemesek, şo taýda galmasak bolmaýar. Sen... täze ýyl biziň bilen gidäýmeseň. Okuwyň bar.**
Baýramyň gaşlary çytylýar.
**Baýram: Gatnasam näme? Okuw öýlän-ä.**
**Oraz aga: Nädip gatnajak? Her gün aladaňdan... Oglum gynanma. Sen okuwyň bilen bol.**
Baýram ýüzüni sallap gaýdýar. Şatlyk öňünden çykýar.
**Şatlyk: Näme boldy?**
**Baýram: Aý... Aýlawa göçýäňiz.**
**Şatlyk: Aýlawa göçýäsmi? Eý, hezillik.**
Birden Şatlyk sakga durýar.
**Şatlyk: Sen näme?**
**Baýram: Men galaryn-da.**
**Şatlyk:Jigiňi nätjek? Kakaňa tigir äber diý.**
**Baýram: Kakam tigir äbererm-aý. Atlaň ýanyna gelmedigimçe begenýär...**
Kiçi Sere kişňeýär. Ikisem oňa geň galyp seredýärler.
**Şatlyk: Babaňa diýseň näme?**
**Baýram: Aý, utanýan.**
**Şatlyk: Jaň edäý.**

Baýram telefonda babasy bilen gürleşýär.
**Baýram: Baba, salowmaleýkim. Hawa-laý. Men-laý. Howa, gowy. Kiçi Serede gowy. Baba, maňa welosiped alyp beräý-dä. Hawa. Aýlawa gatnar ýaly. Ýok, arkaýyn bol, baba, okuwymy taşlaman. Hawa, sözüm söz. Instiuda-da taýýarlanýan. Bolýa...**
Telefonuny ýapyp Baýram ýylgyrýar.

**11-nji epizod**
Köçe bilen Baýramyň kakasy Sapaň gelýäni görünýär. Onuň elinde kordon korobka bar. Bärden bir ýaşuly barýar. Sapa bilen ýaşuly salamlaşýarlar.
**Ýaşuly: Seni tanamadym-la, oglum?**
**Sapa aljyraýar. Özüni nädip tanatjagyny bilmän ýaýdanýar.**
**Sapa: Men Sapa.**
**Ýaşuly: Sapa... Sapa... Hä, Gurbanyň giýewsi diýsene. Maýa mugallymyň adamsy bolýaňda? Gowumy Maýa janam?**
**Sapa: Şükür.**
**Ýaşuly: Bolubilýä, oglum.**
Ikisem ýollaryny dowam etdirýärler. Sapa öýüne girýär.
**Sapa: Baýram! Baýram!**
Baýram kakasynyň öňünden çykýar.
**Sapa: Bilýäňmi, men saňa näme aldym.**
Baýram haýran galyp seredýär. Gapydan Maýa-da görünýär.
**Sapa: Hijem bilmeýäň.**
Ol içerik girýär. Baýram bilene ejesem yzynda. Sapa otagda stoluň üstünde korobkany açmaga durýar. Ol täzeje notbugy çykarýar.
**Sapa: Ine, saňa täzeje kompýuter.**
**Baýram: Eý... çyndanam-aý...**
**Maýa: Näçä aldyň muny, gyýw?**
**Sapa: Nä işiň... Dogrusy, aýlygymdan az-azdan jemledim.**
**Baýram: Sag bol, kaka.**
Olar kompýuteri işledip görýärler. Klawişalaryny basyşdyryp görýärler.
**Sapa: Sen indi kursa gatna, ulanmany öwren...**
Şol wagt maşynyň signal berýän sesi gelýär.
**Baýram: Babam, babam geldi...**
Baýram daşaryk ylgap çykýar-da, derrew derwezäni açýar. Mähnet “Jip” howla girýär. Maşyndan Gurban aga düşýär. Ol yzyna aýlanyp maşynyň bagažyny açýyar.
**Gurban: Baýram jan düşür muny.**
**Baýram: Baba aldyňmy?**
**Gurban aga: Dagy näme oglum. Gutly bolsun.**
**Baýram: Taňryýalkasyn.**
**Gurban aga: Ýöne sözüň söz bolmalydyr.**
**Baýram: Arkaýyn bolaý, baba, sözüm sözdür.**
Baýram ýylgyryp maşynyň bagažyndan welosipedi düşürýär. Sapanyň ýüzi salyk. Ol Gurban aga bilen salamlaşýar.

**Gurban: Maýa sizem maşynjyk alynaýyň  Hä, Sapa? Puluny men berýän saýla-da bir gowjasyny. Ikimiz soň hasaplaşybereris.**
**Sapa: Aý bor-la Gurban aga. Nesibeli gün alarys-da.**
**Maýa: Kakam puly tapjak diýýäkä alaly-da.**
Baýram welosipedli kakasynyň ýanyna gelýär. Sapaň henizem ýüzi çytyk.
**Baýram: Kaka alaýalyla. Meni maşynly aýlawa äkidersiň.**
Sapa ogluna gözüni alardýar.
**Maýa: Kaka Sapa-da Baýrama kompýuter getirdi.**
**Gurban: Aý, ýog-a. Göreli-dä ony.**
Baýramdan galany öýe girýär.
**Gurban: Baý, özem elde göterilýäni eken-ä. Gutly bolsun.**
Gurban töweregine garanjaklaýar.
Maýa penjireden welosiped bilen başagaý ogluna gygyrýar.
**Maýa: Baýram, gel, babaňa kompýuteriňi görkez-ä.**
Baýram güýmenýär.
**Gurban: Gel-ä how, aýawdanam gürrüň bereňok? Kiçiň nähili?**
**Sapa: Gurban aga, men bir zat diýip otursam gelşigem ýok welin, şony kän ata gyzykdyrmaňsan-a, şu ýyl okuwa-da girmeli.**
**Gurban: Inşalla oglum okuwa girer. Ýöne bir wagt, oglankam kakam maňa-da dutar alyp beripdi. Men nire dutar nire?**
**Maýa: Ýok, kaka. Baýram kompýuteri gowy görýär.**
Oňa çenli Baýram gelýär.
**Gurban: Gutly bolsun, how. Köp-ä ýetişmeli bolýäň. Aý, meň oglum zordur, alyp çykar, inşalla. Bolýa men turaýyn, barmaly ýerimem bar.**
Baýram derwezäni açýar. Maşyn çykyp gidýär. Baýram ýene welosipedine ýapyşýar.
**Sapa: Okuw diýlen zat ýok-da kelläňde?**
**Baýram: Kaka, meň ýekeje üçlügimem ýok.**
**Sapa: Bilýän ýokdugyny. Seň şunyň işleýär.**
Sapa öz kellesine barmagy bilen kakýar.
**Sapa: Sen o dörtlük-bäşligi kitabyň gatyny açman, sapakda diňläniňi aýdyp alyp ýörsüň. Zehiniň bolmasady, tigir sür, at çap meň işim ýok. Iliň seň ýaly çagasy bilim olimpiadasyna gatnaşýar.**
**Maýa: Gatnaşsa gatnaşypdyr-da. Babasy tigir äberdi diýip, gaharyňy çagadan çykarma.**
Sapa gaharly iki elini ýumruklaýar.
**Sapa: Men bir zat diýýän, sen başga tarapa çekýäň.**
**Maýa: Hiç tarapa-da çekemok, bilip durun näme gaharyň gelýänini.**
**Sapa: Hawa, şoňa gaharym gelýär. Şuň çaga arabasyna çenli kakaň daşap dur.**
**Maýa: Babasy-da, getirse yzyna äkit diýjekmi?**
**Sapa: Meň adymy şu obada Maýaň adamsy diýip tutýalar.**
Baýram bir ejesine bir kakasyna howsalaly seredýär.
**Maýa: Özüň günäkär, irden gidýäň, agşam gelýäň. Toýa-ýasa-da çykaňok. Men okadýan çagalarymyň öýüne barýan, obaň hemmesi meni tanýar.**

**Sapa: Üstesine-de Gurban Pälwanyň gyzy.**
**Maýa: Hawa, Gurban Pälwanyň gyzy. Kakam saňa näme etdi?**
**Sapa: Hawa, kakaň bize howly äberdi, garnitur äberdi, araba äberdi, welosiped äberdi... Men şu içeriň erkek kişisimi bir? Çagamy okuwly etjek bolýan, şoňa-da ygtyýarym ýok...**
Sapa başyny tutup oturýar.  Aňyrda Baýram gözlerini balkyldadyp kakasyna seredýär. Sapa turup gapa tarap ýönelýär.
**Baýram: Kaka, kaka...**
Sapa gaňrylyp ogluna seredýär. Baýram kakasynyň gözüne göni seredip bilmän aşak bakýar. Sesi çala çykýar.
**Baýram: Men aty gowy görýän. Okuwu-da girerin**
**Sapa: Senmi okuwa girjek? Babaň dogry aýtdy, kompýuter alyp saňa.**
Sapa öz otagyna girip gapyny şarkyldadyp ýapýar.

**12-njy epizod**
Dagyň etegi. Ýaňy dogan Gün şöhlesi dagyň depesini altyn çaýylan ýaly edipdir. Baýram, Şatlyk, Oraz aga hersi bir atyň üstünde dagyň etegini syryp aýlawyň uly derwezesiniň deňine gelýärler. Atýataklaryna girilýän ýerde olary aýlawyň işgäri garşylaýar.
**Aýlawyň işgäri: Gelýäňizmi, Oraz aga.**
**Oraz aga: Gelýändiris. Täze aýlawam gutly bolsun.**
**Aýlawyň işgäri: Size gutly bolsun, aýlaw siziňki, Oraz aga. Altynjy athana baryberiň. Menem ýetdim yzyňyzdan.**
Täze aýlawyň territoriýasy, çapuw ýodasy, athanalar, manežiň binasy, tribuna we ş.m. görünýär.  Atlylar “6” nomer ýazylan athanaň deňinde saklanýar. Oraz aga, Baýram, Şatlyk dagy atlaryny ýataga salýarlar.
**Şatlyk: Atýataklaň gowydygyny...**
Aňyrdan aýlawyň işgäri gelýär.
**Aýlawyň işgäri: Ýörüň indi, size ýaşajak ýeriňizem görkezeýin.**
Atbakarlaryň ýaşamaly otagy. Iki sany krowat, tumboçka we ş.m. görünýär. Şatlyk özüni ýumşak krowada oklaýar.
**Şatlyk: Eý, Baýram senem bärde galaý.**
Baýram sesini çykarman ýüzüni sallaýar. Aýlawyň işgäri gapydan girýär.
**Aýlawyň işgäri: Oglanlar, şu otag indi gaýdaýançaňyz siziň öýňüzdir. Täze ýylam ýene şu otaga gelersiňiz. Otagyňyzy arassa saklamalysyňyz.**
Oraz aga-da gelýär.
**Oraz aga: Öz öýlerindenem arassa saklarlar, sen arkaýyn bol.**
**Aýlawyň işgäri: Oraz aga indi siziň ýeriňizem görkezeýin.**
Seýisiň otagy her kimi haýran galdyrýar.
**Oraz aga: Taňryýalkasyn. Üýtgeşik bolupdyr.**
**Aýlawyň işgäri: Hormatly Prezidentimize sag bol aýtmaly. Bu zatlar şonuň aladasy bilen guruldy.**
**Oraz aga: Hawa-la, Prezidentimiziň başy dik bolsun.**
Aýlawyň içi. Baýram bilen Şatlyk aýlawy synlaýarlar.
**Baýram: Bäh, muny edäýişlerini.**

Olar agaçdan örülip ýasalan at çapyp barýan oglanyň şekiliniň ýanyna barýarlar. Baýram oňa öýkünýär.
**Baýram: Oraz aga Kiçi Seräni maňa çapdyrjak diýdi...**
**Şatlyk: Çynyňmy?! Eý gowy bor-aý, sen çapsaň.**
Şol wagt iki sany eli çyzgyly arhitektor kä ýerde durup çyzgylaryna serdip, geçip barýarlar. Baýram dagy olara salam berýärler.
**Arhitektor: Nähili, oglanlar, aýlawy haladyňyzmy?**
Baýram dagy baş atyp ýylgyryşýarlar. Olar geçip gidýärler.
**Baýram: Eý, arhitektorlygam-a gowy kär.**
**Şatlyk: Okuwy kyn bolaýmasa.**
**Baýram: Kyn bolanda näme?**
**Şatlyk: Saňa-da düşüp bolanog-aý. Indem arhitektor bolasyň gelýämi?**
**Baýram: Aý, ýöne... Ýör indi o taýynam göreli.**
Baýram bilen Şatlyk täze aýlawyň owadan fonarly sütünler dikilen ýodasy bilen barýarlar

**13-epizod**

Baýram deňizde suwa düşüp ýör . Suwuň gyrasynda Kiçi Sere. Birden Baýram gark alyp ugraýar. Ellerini kelemenledip bir aşak gidýär, bir ýokaryk çykýar. At özüni suwa urýar. Oglana tarap ýüzýär. At deňine gelende Baýram oňa ýapyşyp halas bolýar. Şol wagtam ukudan hopugyp oýanýar. Sagat daňdan dört. Ol turup geýinýär-de welesipedine münjek bolanda kakasy oýanyp gelýär.

**Sapa: Nirä?**
**Baýram: Aýlawa.**
**Sapa: Nämäň aýlowy? Seň kelläň nirede? Sen okuwa girmeli. Haçana çenli atyň yzyna düşjek ýörjek? Saňa gepem düşündirip bilemok. Ýa indi seni daňyp saklamalymy.**
Baýram sesini çykarman başyny aşak salyp dur. Oňa çenli ejesem çykýar.
**Sapa gaharly: Goý, tigriňi-de, gir öýe.**
Baýram butnaman dur.
**Maýa: Bor-la, senem. Gündizem bar-a. Gijäň içinde gygyrşyp durmaň.**
Baýram ejesine arkalanyp gidip ugraýar. Sapa elini salgap, öýe girýär.
Obaň alagaraňky köçesi. Baýram welosiped sürüp barýar. Onuň ýüzi aladaly. Welosipediň aýlanýan tigiriň üstüne Baýramyň çagalyk ýatlamasy görnüp ugraýar.

**14-nji epizod.**
Şäher. Hatar dükanlar. Adamlar gaýda-gaýmalaşyk. 4-5 ýaşlaryndaky Baýrama ejesi köýnejik deňäp dur. Satyjy oglan harydyny öwýär.
**Satyjy: Laýyjak, gelneje. Reňkem solanok, gowy köýnek.**
**Maýa: Halaýaňmy oglum?**
Baýram baş atýar.
**Maýa: Bolýa, alaýyn.**

Ejesi gapjygyndan pul çykaryp, satyjy bilen hasaplaşyp durka, Baýramyň gözi ýitelip gidýär. Ol harytlaryň arasynda çüýşeden ýasalan, bir aýagyny galdyryp, ýer peşäp duran aty görýär. Baýram aty görenden duran ýerinde bökmäge başlaýar. Elini uzadyp ejesine ony görkezýär.
**Baýram: Eje, at. Eje...**
**Maýa: Nämäň aty?**
**Baýram: Äberäý-dä...**
**Maýa: Öýde-de atyň bar-a.**
Maýanyň aty alasy gelmeýär. Ol oglunyň elinden tutup, dükandan daşlaşanyny kem görmeýär. Eneli-ogul biraz ýöreýärler, oglanjyk gaňrylyp-gaňrylyp, atjagaza seredýär. Şol wagt ejesiniň jübi telefony jyňňyrdaýar. Ol oglunyň elini goýberip, telefona jogap berýär. Baýram eli goýberlenden durýar.
Baýramyň ýeke özi. Ol bir yzyna seredýär, soň ejesine.
Maýa telefon bilen başagaý ýöräp barýar. Baýram yzyna, dükana tarap gaýdýar. Maýa ep-esli ýöräp, gürleşip bolandan soň, ýanynda oglunyň ýokdugyny bilip galýar. Eýläk-beýläk ylgaýar.
**Maýa: Baýram! Baýram jan!**
Baýram görnenok. Maýa geçip barýanlardan soraýar. Her kim alňasak başyny ýaýkap geçip gidýär. Ene yzyna tarap ylgaýar.
Baýram atjagaza seredip dur. Maýa aňyrdan ylgap gelýär.
**Maýa: Ýüregim-ä ýardyň. Ýör, gijä galýas.**
Baýram elini silkip alýar. Aşak seredip pyşyrdaýar.
**Baýram: Aty äber...**
**Maýa: Bu çüýşeden-ä, derrewem döwüler.**
**Baýram: Döwülmez.**
Ejesi näderini bilmän, ony satyn alýar. Dükançy atjagazy ýörite guta salyp uzadýar. Baýram begenjine ejesini gujaklaýar.
**Dükançy: Ogluňyzyň aty gowy görýän-ä çyny eken.**
**Maýa: Gije-gündiz at-da şuňky... Indi bir ýör.**
Baýramlaryň öýleri. Baýram gutyny açyp, aty çykarýar, eýläk-beýläk öwürip synlaýar. Baýram ony stoluň gyrasynda goýýar. Maýa oglunyň begenşine ýylgyryp, onuň başyny sypalaýar.
**Baýram: Owadan gerek? Meň atym... Oraz aga ata mündürjek diý-dä.**
**Maýa: Sen atdan gorkaňokmy? Ýykylaýsaň nätjek?**
**Baýram: Ýykylmaýan...**
Şol wagt gapy açylyp, Sapa girýär. Onuň keýpi ýok. Baýram atyny alyp, ylgap, kakasynyň öňünden çykýar.
**Baýram: Kakam geldi, kakam. Kaka at aldyk. Gör. Ejem äberdi.**
Kakasy oglunyň uzadan atyny alyp gören bolýar. Göwünsiz stoluň gyrasynda goýýar. Maýa adamsyndan gözüni aýyrman onuň hereketlerini synlaýar.
**Kakasy: Ýene atmy? Ýeke oglum, senem ýaby çopan boljag-ow. Atyň näme, men saňa kompýuter äberjek. Bolmanda küşdüňi öwren.**
**Baýram: Öwrenýänä. Atyň nähili göçýänini görkezeýinmi?**
Küşdüň tagtasy. Baýram atlary küşt tagtasynyň üstüne dikýär.
**Sapa: Hany çöpleň galany? Saňa at bolsa bolýar.**

Kakasy öz otagyna geçmekçi bolýar. Oglunyň döken küşt çöplerine basmajak bolup çala büdüreýär. Şol wagt stoluň üstündüki ata eli degip, ony gaçyrýar, atjagaz döwülýär. Baýram tisginip gidýär. Döwülen atyny görýär.
**Baýram: Döwdüň kaka. Atymy döwdüň. Nämüçin döwdüň?**
**Ejesi: Özi gaçdy oglum, kakaň döwmedi.**
**Baýram: Aldama döwdi.**
**Kakasy: Goý, galmagalyňy. Döwülende näme şol?**
Ýatlamaň soňunda ýene welosipediň tigirlerine dolanyp gelýäris. Baýram welosipedli aýlawa girip gidýär.

**15-nji epizod.**
At toýnaklarynyň yzlaryndan ýaňa nagyş çekilen ýaly bolup görünýän aýlaw ýodasy. Seýislenýän atyň toýnagynyň sesi eşidilýär. Az salymdan atyň aýaklary hem görünýär. At çala öňürdükläp geçip gidýär. Atyň ýuwaş çapmaga takady ýok, emma onuň üstündäki atbakar jylawy berk çekip, ony maýdalyna çapdyryp barýar. Aýlawyň daşyndan, ol atyň deňi bilen ýeňil daşary ýurt maşyny barýar. Maşynda oturan, boýny galstukly, geýnüwli ýigit zol-zol işledilýän aty synlaýar. Maşyn biraz şeýdip, ol at bilen ýanaşyp gidenden soň, athanalaryň birine tarap sowulýar. Athanaň öňünde Oraz aga ortada, onuň daşynda atlaryny ýöredip Baýram bilen Şatlyk aýlanyp durlar. Ýeňil maşyn olaryň deňinde saklanýar. Geýnüwli ýigit Oraz agaň ýanyna gelýär. Olar elleşýärler. Oraz agaň ýüzi aladaly. Kiçi Serede Baýram, Kümüşlide Şatlyk kiçiräjik aýlaw edip Oraz aganyň hem ýene-de bir 30-35 ýaşlaryndaky geýnüwli ýigidiň daşyndan aýlanyp durlar. Kiçi Seräň boýnunda Arzygülüň dokan dogabagysy. Olardan on-onki metr gapdalda-da bir ýaş oglan maňlaýy owadan sakarly, dor atynyň başyndan tutup, Baýramdyr Şatlygy, olaryň atlaryny synlaýar. Onuň gaşlary çytyk, nämedendir bir zatdan nägile ýaly görünýär.
**Oraz aga: Şatlyk, aýyr eliňi eýeriň gaşyndan.**
Şatlyk duýdansyz, azymly sese derrew elini eýeriň gaşyndan aýyrýar.
**Oraz aga: Ýabyň üstünde däl-ä sen. Berkiräk... Hä...**
Şatlyk jylawy iki eli bilen tutup, aty çala debsiläp, çuslanýar. At hem ýöreýşini çaltlandyrýar. Oraz aga gapdalynda duran ýigide ýüzlenýär.
**Oraz aga: Men eýgermen, Mämmet jan. Şu iki sany oglan bilen bäş-alty ata seredýäs. Bulaňam biri hem okaýar, hem diňe irden at münüşmäge gelýär. Indi garrapdyryn.**
Mämmediň pullujadygy bildirýär. Bir eli jübsünde, kiçelip, ýalbaryp durmak oňa kyn düşýär. Onuň arkasyndan atynyň başyny tutup duran, çytyk oglan görünýär. Mämmet gaýta-gaýta oňa seredýär. Oglanyň hem iki gözi Mämmetde.
**Mämmet: Atbakarym bar. Siziňkilere-de seredişer. Özüňize-de şuwagt näçe aýlyk alýan bolsaňyz, şonça bereýin. Taýymyň baýragam siziňki. Maňa abraýy gerek. Ozsaňyz, özümem baýragyňyzy ýetirin. Bolmanda atymy bir görüp ber Oraz aga.**
Oraz aga ikirjinlenýär. Gaňrylyp gapdalda duran ata-da seredýär.
**Mämmet: Nazar, getir-eý, aty bärik.**

Nazar çakylyga mähetdel derrew aty idip gelýär. Baýramdyr Şatlygam täze taýa hem Nazara seredişýärler. Birahatlanan at Nazara saklatmajak bolýar. Oraz aga taýy synlaýar hem köşeşdirmäge çalyşýar.
**Oraz aga: Ho-op... hop-ba, dur, janawer.**
**Mämmet: „Ýeke taý bolsa, getir-äý“ diýip duranlaram bar, ýöne siz seýisläýseňiz. Oraz aga gaýrat ediň.**
Oraz aga aty söýünç bilen synlaýar. Aýaklaryny elleşdirip görýär.
**Oraz aga: Öz-ä Teleguşyň ugry bolsa gerek?!**
**Mämmet: Haý, Oraz aga siz aty adamdan gowy tanýaňyz-a. Teleguşyň agtygy, Täzäň taýy. Tumarly.**
**Oraz aga: Hmm... Kelle tutuşy, gulaklary agyn Teleguş. Hany, mün-dä, oglum Tumarlyňy. Nazar diýdiňmi, ýigidekçä?**
**Mämmet: Hä, Nazar.** (Nazara) **Bahymjak mün.**
Nazar göwresi tokgarak bolsa-da, çakganlyk bilen Tumarlyny münýär. Entegem Oraz agaň daşynda aýlanyp duran Baýram bilen Şatlygyň arasyna goşulýar. Oraz aga ýene gözüni aýyrman Tumarlyny synlamagyny dowam edýär. Taý synlanýanyny bilýan ýaly, agyzdyrygyny çeýnäp, oýnaýar.
**Oraz aga: Bor-da, bolmasa...**
Mämmet Oraz agaň göwnänine begenip, ýylgyrýar.
**Mämmet: Eşidýäňmi-eý, Nazar, diňe Tumarla däl, Oraz agaň beýleki atlaryna-da seredişersiň. Oglanlar bilen oňuşyp işlegin. Öz-ä gyňyrrakdyr, Oraz aga.**
Mämmet özünden hoşal eşiginiň gumuny kakyşdyran bolýar. Hojaýyn sypatyna girýär. Boýnundaky galstugyny düzedişdirýär, birneme gaýşarýar.
**Mämmet: Ýaňky diýenimdir, şu taýyň baýragy maňa gerek däldir. Ot-iýimdenem hor etmen. Ýumurtgan-a getirdim, süle, käşirem ýetip gelýändir. Taýa göwnüňiz ýetdi öýdýän, Oraz aga?**
Mämmet Oraz aga tarap seredýär. Mämmediň bolşuny halamadyk Oraz aganyň ýüzi çytyk.
**Oraz aga: Taýyň entek ýarylmadyk garpyz, oň ýyndamlygyny ýol görkezer.** (oglanlara) **Salaýyň. Tumarlyny iň aňyrbaşky ýataga sal. Şatlyk, görkez.**
**Mämmet: Bor-da, Oraz aga, men aýlanyp duraryn.**
Mämmet beýleräkde duran daşary ýurt maşynyna tarap gidýär. Oraz aga-da atlaryň yzy bilen athana tarap ýöräp ugraýar. Atlar üç tirkeş bolup athana girýärler. Ýeňil maşyn gelen ýoly bilen yzyna çykyp gidýär. Atlar athana girýärler. Öňde Şatlyk, yzyndan Nazar, soň Baýram. Beýleki atlaryň hokranmasy, kişňemesi, betona urulýan at toýnaklarynyň sesi eşidilýär. Şatlyk Nazara ümläp, eli bilen iň aňyrky boş ýatagy görkezýär-de, açyk gapylaryň birinden girip, atyny ýatagyna salýar.
**Şatlyk: Hoňa...**
Onuň yzyndan gelýän Nazar görkezilen ýataga Tumarly bilen girip gidýär. Baýram hem bäri başdaky boş ýere Kiçi Seräni salýar. Olaryň üçüsi hem atdan düşüp, eýerlerini aýyrmaga durýarlar. Şatlygam, Nazaram, Baýramam goltugy eýerli, uýanly çykýar. Eýerleri, uýanlary eýer-esbaplaryň goýulýan jaýynda goýýarlar
**Şatlyk: Nazar diýdilermi?! Menem Şatlyk. O-da Baýram.**

Elleşip görüşýärler. Baýram eýerini goýýar-da, gaşawdyr şşotka alyp daşyna çykýar.  Şatlyk bilen Nazar Tumarlyny koridordan synlap durlar. Baýram olaryň ýanyna barýar.
**Baýram: Oraz agaň atyňa göwni ýetdi.**
Atýatakdan oglanlara gulaklaryny keýerdip Tumarly seredip dur. Ol çala hokranýar.
**Şatlyk: Haýsy atyň nähilidigini ýol görkezer diýdi Oraz aga.**
**Nazar: Ýolsuzam belli. Teleguşyň ugry...**
**Şatlyk: Bolanda näme Teleguşyň ugry? Kiçi Sere-de Seräň ugry, Kümüşli Garaderiň ugry. Haýsy biri pes olaň?**
**Nazar: Aý, hawa hemmesiniň aňyrsy güýçli atlar. Ýöne, Tumarlym atdan galmaz, men şony bilýän. Ol-a kiçi eken, uly Seräňem getir-äý.**
Şatlyk hyrra Nazara tarap öwrülýär.
**Şatlyk: Şu atyň Kiçini ozarmy? Gel, jedel.**
Baýram olaryň arasyna düşýär.
**Baýram: Derrew başlaýaňyz-aý. Bir-birimizden başga-da, deňeşmäge aýlowda at kän.**
Oglanlar arkalaryndan Oraz agaň geleninem duýmaýarlar.
**Oraz aga: Berekella, Baýram. Nähili atyň bolsa getiriber, aýlawda seňkiçe at tapylar.**
Oglanlar müýnli ýaly yzlaryna garaýarlar. Seslerini çykarman hersi öz atyny arassalamaga girýär.

**16-njy epizod.**
Baýramyň öýleri. Baýram kompýuteriň başynda. Kompýuterde Kiçi Seräň suraty. Baýram fotoşopda atyň uýanyndan tutup duran Şatlygy bozup aýyrjak bolup, güýmenip otyr. Kakasy arkasyndan gelýär.
**Sapa: Bäh, kompýuteriň başyna-da geçipsiň-ow.**
Ol gelip oglunyň edip oturan işine seredýär. Ekrandan aty görüp, gahary gelýär.
**Sapa: Ýene atmy? Men saňa atyň suratyny çek diýip äbermedim muny. Aý, bolmajak bolsa bolmaz-laý.**
Elini salgap gidýär. Oňa çenli Baýramyň ejesi gelýär.
**Maýa: Beýleki edýän işleňňem görkezseň bolmaýarmy? Hany aç.**
Baýram awtokadda gurluşyk çyzgylaryny eden ýerini açýar.
**Maýa: Sapa, gel, görd-e ogluň öwrenen zatlaryny.**
**Sapaň sesi: Gördüm.**
**Maýa: Ýok, at däl...**
**Sapaň sesi: Bolýa-laý. Maňa azar bermäň, näme etse şony etsin...**
Maýa oglunyň başyny sypalaýar.

**17-nji epizod**
Daň atyp gelýär. Aýlawda at toýnaklarynyň sesi asmana galýar. Her athanaň öňünde aýlanyp duran atlylary ýa-da ýol gyrasynda duran seýisi, türgenleşikden dolanyp gelýänleri, barýanlary görmek bolýar. Aýlawda işiň iň gyzgalaňly wagty. Uzakdan haýsydyr bir atyň kişňeýän sesi, niredendir bir ýerden horazyň sesi hem

eşdilýär. Oraz aganyň athanasynyň agzy welin, çolalyk. Oraz aga bir girýär, bir çykýar. Ol elindäki gadym agzy gapakly sagadyna gaýta-gaýta seredýär. Şatlyk bilen Nazar onuň tabşyrygyna garaşyp, dik durlar. Oraz aga olara üns berenok. Özbaşyna gürleýär.
**Oraz aga: Be, beýle häsiýeti ýokdy-la. Nazar, bolmasa, oň atyny sen eýerläý.**
Şol wagt welosipedli Baýram görünýär.
**Şatlyk: Hana, gelýär.**
Baýram welospedi gaty sürüp gelen bolarly, maňlaýy derläpdir, haşylap dem alýar.
**Oraz aga: Eýgilikmi, oglum?**
Baýram welosipedini diwara söýeýär.
**Baýram: Giç ýatdym okuwyma taýýarlanyp... uklap galaýypdyryn.**
Baýram ilki Oraz aga bilen, soň oglanlar bilen ýeke-ýeke elleşip görüşýär. Soň eýerini almaga ylgap gidýär.
Baýram Kiçi Seräni eýerläp dur. Şatlyk oňa kömekleşýär.
**Şatlyk: Men-ä gelmersiň öýtdüm. Oraz aga tas Kiçini Nazara mündüripdi.**
Baýram bar güýji bilen atynyň çekisini çekýär. At biraz gozganjak bolýar.
**Baýram: Dur, dur. Aý... Bar, atyňy çykaryber.**
Baýram, Şatlyk, Nazar üçüsi atlary bilen athanadan çykýar. Hemişeki aýlanýan ýerlerinde atlaryny aýlamaga başlaýarlar. Daňyň howasyna atlar oýnajak bolýar. Olary parahat saklamak oglanlara iş bolýar. Oraz aga olaryň aýlawynyň arasyna girip, bir salym atlary synlap durýar.
**Oraz aga: Hemişekiňiz ýaly bile, bir aýlaw gorgun sürüň. Göni ýola düşýän ýerden öň atdyryp gaýdarsyňyz. Şatlyk sen doly iki aýlaw, Nazar sen aýlaw ýarym, Rejebiň athanasyna çenli. Gaty gyssama, maýdalyňa sür. Baýram sen Aşyr agalaň athanasyna çenli gelersiň. Ýöne berkirak sür. Üçüňizem badyňyzy bir gataldyp, bir ýuwaşadyp gelmäň. Soňam bir aýlaw ýörüş öňküleriňiz ýaly. Baryň!**
Alagaraňkyda aýlaw ýodasynda seýislenýän atlaryň burunlarynyň parryldysy, toýnaklarynyň sesi eşidilýär. Kimi atyny gorgun sürse, kim öňürdükledip ýör. Biziň gahrymanlarymyz hem olaryň arasynda.
Baýram atynyň başyny çekip saklaýar. Indi ýörüş üçin içki ýoda geçýär. Nazaram aňyrdan atyny ýöredip gelýär. Atlar gowja derläpdir. Emma seýislenmek olara ýaraýan bolarly, şonda-da oýnajak bolup durlar. Olar atlaryny işledip bolýançalar jahan hem gowy ýagtylýar. Daşky ýodadan kä wagt bir seýislenýän at çapyp geçip gidýär. Baýramdyr Nazar her at deňlerinden geçende ony üns bilen synlaýarlar. Aýlawyň ortasyna ekilen ýorunjalar ygşyldap otyr. Otuň ýaşyl reňki, at toýnaklaryndan galýan tozanyň süýt reňki, gara, mele, dor, gyr, al atlaryň reňkleri Gün dogmazynyň öňýany täsin görünýär. Bu täsinlige göwni göterilýän ýaly, Kiçi Seräniň parahat ýöräsi gelenok. Ol agyzdyrgyny çeýneýär, başyny silkýär. Içindäki hyjuwyny daşyna çykaryp, Baýramyň hem diýenini etmän çapjak bolýar.
**Baýram: Kiçim, ýuwaş. Dur.**
Baýram Nazar bilen deňleşýär. Baýram deňleşende Tumarly Kiçi Seräniň bolşuna göçüp oýnajak bolýar. Nazar onuň jylawyndan dözümli çekip, ýuwaşadýar. Atlar ýanaşyp parahat ýöräp ugraýarlar.
**Nazar: Dogabagyny kime dokatdyň?**

**Baýram: Aý, obada...**
**Nazar: Tumarla-da dokadaly-la. Näçä dokaýarlar?**
**Baýram: Bilmedim... Şu wagt Kümüşlä dokaýar öýdýän. Şatlyk gowy bilýändir.**
**Nazar atyň başyny çekip saklaýar. Baýram azajyk öňe düşýär.**
**Nazar: Özüň gürleşäý-dä, puluny bereýin.**
**Baýram: Aý...**
**Nazar: Gysganýaňmy? Diňe öz atymda bolsun diýýäňmi? Halanyňy et, başga-da dokaýan bardyr.**
Nazar atyny sürüp öňe gidýär. Baýram derrew onuň yzyndan ýetýär.
**Baýram: Men o gyza diýmäge utanýan.**
**Nazar: Näme utanyp? Puluny bermediňmi?**
**Baýram: Ýok, mugut dokady.**
**Nazar: Men puluny berjek diýdim-ä.**
**Baýram: Hany, Şatlyga diýeýin...**
**Nazar: Şatlykdan bitýän bolsa, gerek däl.**
Nazar ýene atyny öňe sürýär. Baýramyň ýeke özi, gaşlary çytyk. Baýram Nazaryň yzyndan gygyrýar.
**Baýram: Nähak öýkeleýäň.**
Nazaram gaňrylyp oňa gaharly jogap berýär.
**Nazar: Ak guşsyramasana senem.**
Baýram nätjegini bilmän galýar. Yzdan Şatlygyň gelýäni görünýär. Baýram atyny aýlap Şatlyga garaşýar. Oňa çenli Şatlygam yzyndan ýetýär.
**Şatlyk: O näme diýýä?**
**Baýram: Dogabagy diýýär.**
**Şatlyk: Ýene näme? Şol-a şoňa dokalanok.**
Baýram derläpdir. Ýalbarjy äheňde haýyş edýär.
**Baýram: Bahasyny berjek diýdi. Siziň Bibi ejeňiz-ä, ejesine aýt-da gaýdyber.**
**Şatlyk: Hawa-la Bibi ejemiz diýip dökülip durmalymy? Onsoňam ýaňky üçin, meň-ä adama zat haýyş edesim gelenok.**
**Baýram: Oraz aga, dogan ýaly boluň diýenokmy bize?**
**Şatlyk: Şolmy dogan boljak, bahana tapsa öýkelýär.**
Baýram Şatlyga näme diýjegini bilmän, ilki aşak bakýar.
**Baýram: Ilki özüň başlaýaň-a...**
Şatlyk dostundan beýle söze garaşmansoň, atyň üstünde dikeleninem duýman galýar.
**Şatlyk: Menmi?! Ýene dost diýjeksiň...**
Baýram ýüzüni sallap barşyna sesini çykaranok.
**Şatlyk: Men-ä Arzygülden haýyş etmen.**
Şatlygam atyny gorduryp, Baýramy ýeke taşlap gidýär. Baýramyň ýene ýeke özi. Baýram onuň yzyndan garap galýar.
**Baýram: Kiçim, kiçijik jigim, men näme edeýin?..**

**18-njy epizod**

Baýramyň öýleri. Baýram diwanda kitap okap otyr. Gapydan Baýramyň ejesi Maýa gelýär.

**Maýa: Naharyňam, oňly iýmänsiň.**

Baýram başyny galdyryp kitabyny ýapýar. Kitabyň Magtymgulydygy görünýär. Maýa gelip oglunyň ýanynda oturýar.

**Maýa: Mekdep bilen aýlaw iki arada sütüniň sünýä. Bolmasa, aýlawa gitmäňi azaldaý?**

**Baýram: Ýok, ýadamok.**

**Maýa: Hany gürrüň ber-dä, Oraz agaň näme diýýär? Şatlyk nädýär?**

Baýram göwünsiz elindäki kitabyny stoluň üstünde goýýar.

**Baýram: Aý...**

**Maýa: Ýaňy Bibilere bardym. Gyzy Arzygül bilen bir halyny dynypdyrlar. Kesjek bolup duran ekenler. Arzygül janam uly gyz bolaýypdyr.**

Baýram utanýanyny bildirmejek bolup, stoluň başyna geçýär. Ol ýene Magtymgulyny eline alýar. Ikinji planda görünýän Maýa oglunyň ýüreginde turýan harasatdan habarsyz gürrüňini dowam edýär.

**Maýa: Men-ä Arzygül jany ýüzüme sylyp gaýtdym.**

Baýram kitaby ýapýar.

**Baýram: Aý... eje, senem...**

**Maýa: Arzygül gowy gyz-a?**

Baýram sesini çykarman ýene kitaby eline alýar.

**Maýa: Näme bolýa saňa? Näme ýüzüň salyk?**

Baýram gürrüňi üýtgetmek üçinmi ýa-da setirler ýüregine jüňk bolandanmy Magtymgulynyň dört setirini daşyndan okaýar:

**Baýram: Eger sen hem bolsaň nerm-u mylaýym,**
**Sen mylaýym bolsaň, guluň bolaýym,**
**Gulagyma beren pendiň alaýym,**
**Kişige gaty söz aýdyjy bolma.**

Baýram okamasyny goýýar. Baýram başyny galdyrýar-da ejesine türkana, arassa gözleri bilen seredýär.

**Baýram: Eje, Magtymguly ýaly adam guluň bolaýyn diýýärem welin, adamlar oňuşyp, hezil edip, ýaşap ýörmelikä...**

Baram kitaby stoluň üstünde goýýar-da, kellesini kitaba ýassap uzaga diňkesini dikýär. Maýa kellesini kitaba ýassan oglunyň aladaly başyny sypalaýar. Baýram başyny galdyrýar. Maýa ogluny gujaklaýar. Onuň gözünden ýaş syrygýar.

**Maýa: Oglum kakaňdan öýkeläp ýörme. Ol seň okuwa gireniňi isleýär.**

**19-njy epizod.**

Arzygül täze dokap bolan halylarynyň erşinden maňlaýyna daňypdyr, jaýda ýeke özi gopuz çalyp otyr. Daşarda Baýramyň ardynjyranyny eşidenok. Baýram ýuwaşlyk bilen gapyny açýar-da içerik girýär. Arzgülüň gopuz çalyşyny görüp gapyň agzynda doňup galýar. Birdenem özüne gelip, ýene yzyna çykyp gitjek bolanda, Arzygülüň gözi oňa düşýär. Arzygül tisginip, gopuzyny goýup, ýakasyny tutýar, içini çekýär.

**Arzygül: Hih!**
Baýram nalaç durmaly bolýar. Eli bilen maňlaýynyň derini sylýar. Arzygül geleniň Baýramdygyny tanandan özüne gelýär.
**Arzygül: Baýram... Senmi?..**
Baýram ýuwdunýar. Ýene maňlaýynyň derini eliniň aýasy bilen sylýar.
**Baýram: Gorkuzdymmy?**
**Arzygül: Gopuza başagaý, görmändirinem...**
**Baýram: Neme... Dogabagy dokapsyň-a...**
**Arzygül: Şatlygyňkynymy, gutaryp barýan.**
Arzygül biraz ýygralyk bilen ýere seredip gürleýär.
**Arzygül: Geçäý...**
Baýram sähelçe öňe süýşse-de, gapydan daşlaşmaýar. Näme diýjegini bilmän aşak bakýar. Arzygül öýüň ortasyndaky ýygnaşdyrylmadyk çäýnek-käselere ýapyşýar.
**Arzygül: Men häzir... Ejemem gelmeli.**
Arzygül eli çäýnek-käseli aşhana geçýär. Baýram Arzygül çykansoň, bir uludan dem alýar. Täze dokalan hala gözi düşýär. Haly bir gyrada, ýarsy eplengi. Onuň nagyşlary lowurdap dur. Ejesi, Arzygül içeri girýärler. Baýramyň halyny synlaýanyny görüp ejesi ýylgyrýar.
**Bibi: Baýram jan, senmidiň?**
**Baýram: Salawmaleýkim Bibi daýza.**
**Bibi: Aleýiksalam. Ejeň dagam gurgunmy, oglum?**
**Baýram: Şükür. Neme-laý Bibi daýza, athanamyzda bir dostum bar. Olam taýyna dogabagy diýýä... Kyn görmeseňiz... O... bahasynam aýdaýsyn diýdi.**
**Bibi: Aý, oglum, baha diýer ýaly oňa üýtgeşik ýüp çykyp duranok. Galan-gaçandan, Arzygül dokan bolaýýar.**
**Baýram: Oň atynyň ady Tumarly...**
Arzygül bir kagyzjyga ýazyp alýar.
**Baýram: Onda men gideýin.**
**Bibi: Çaý içmejekmi?**
**Baýram: Ýok-ýok.**
Baýram çykyp gidýär. Arzygüllerden biraz saýlanyp, uly köçä çykanda begenjinden towsaklaýar. Öz köçelerine tarap sowulýar. Şol wagt Şatlyk gelýär, Arzygüllere girýär. Içerde Bibi daýza çaý içip otyr, Arzygül Şatlyga dokaýan dogabagysynyň başynda.
**Şatlyk: Salowmaleýkim Bibi eje.**
**Bibi: Şatlyk jan, gel.**
**Şatlyk: Ýene bolan däldir. Bibi eje gyzyňa diýsene. Öňküsinä derrew dokady.**
**Bibi: Öňküni özüm ulyny başlamankak çaltyrak aýyr diýdim. Uly halyň gapdalyndan soňka Arzyň eli degmedi-dä. Indi derrew bolar.**
**Şatlyk: Arzygül, görseň bolýarmy?**
Arzygül ýylgyryp, bir gapdala süýşýär. Şatlyk „Kümüşli“ diýlip bitip barýan ýazgyny okaýar.
**Şatlyk: Baýrama bereniňde başga nagyş eken.**
Arzygül utanyp, gyzaryp gidýär. Ejesine seredýär. Ejesi olara üns bermän käsesine çaý guýup otyr.

**Arzygül: Bu näme owadan dälmi?**
**Şatlyk: O has owadandy-da. Aý, etjek alajyň ýok, her kim özüne nesip edeni bilen oňmaly-da.**
**Bibi: O nämäň nesip edeni?**
**Şatlyk: Baýrama dokany has owadandy.**
**Bibi: Entek, boldum edilmedik zat-da. Eliňe alaňda görersiň owadanmy dälmi.**
**Şatlyk: Degişýän, Bibi eje. Bile işleýän bir ýoldaşymyzam diýdi.**
**Arzygül: Tumarlamy?**
Şatlyk geň galyp Arzygüle bakýar.
**Şatlyk: Tumarlyny sen nireden bilýäň?**
**Arzygül: Bilýändä.**
Arzygül gülýär.
**Bibi: Ýaňy Baýramam gelip gitdi. Kim gyz, ol beýle, ikiňiz iki ýerden.**
**Şatlyk: Baýram geldimi?! Şony gynandyrmajak bolup gelendir. Menem Baýram gynanar diýip, aýlowdan ýörite gaýtdym.**
**Bibi: Kimi gynandyrmajak bolýaňyz?**
**Şatlyk: Aý, hiç-laý Bibi eje. Arzygül onda Tumarla-da birini. Ýöne bu gezek mugt däl.**

**20-nji epizod.**
Baýdaklar pasyrdaýar. Her kim aýlawa gelýär. Tomaşaçylaryň oturýan tribunasynda ýer-jaý ýok. Her kimiň elinde at çapyşygynyň tertibi. Ahal-teke atlarynyň iň owadanlary märekäň öňünden geçýär. Alypbaryjynyň sesi ýaňlanýar.
**Alypbaryjynyň sesi: Eziz adamlar! Häzir siziň öňüňizde iki ýaşar atlar owdanlykda ýylyň çempiony diýen ady almak üçin ýaryşýarlar. Gunanlardan altysy finala çykdy. Häzir men olar bilen sizi tanyşdyraýyn.**
**Birinji belgide...**

**21-nji epizod.**
Arzygülleriň öýleri. Telewizoryň başynda Arzygül ejesi bilen aýlawy görýärler.
**Arzygül: Hana, Kiçi Sere. Tanadyňmy eje?**
**Ejesi: Dogabagyly dälmi?**
**Arzygül:  On ball. Kiçi Serä on ball berdiler.**
**Alypbaryjynyň sesi: On ball. Eminler bir agyzdan Meşhur Seräniň taýy, Kiçi Serä on ball berýärler. Netijede, eziz adamlar, Kiçi Sere gunanlaryň arasynda çempion bolýar.**
**Ejesi: Dogabagy gelşipdir, gyz. Şatlykmy ony aýlap ýören. Ak telpek, gyrmyzy donly anjaýyn. Ýaňy ýalydy-da gyz, gulpagyňdan çekip agladyp ýöreni. Allanäme ýigit çykaýypdyr. Hany Baýram näme görnenok?**

**22-njy epizod.**
Baýram ýaşyl reňkli çapyksuwar eşiginde. Ak jalbarly, gara ädikli, bir elinde ýaşyl reňkli gaşly papagy athananyň gapysynyň agzynda otyr. Beýleki elinde at çapyşygynyň tertibi.

Baýram içini gepledýär.
**Baýram: Şu gezejik bir ozaýsam...**
Baýramyň göz öňüne ejesi gelýär. Ol tikin maşynynda Baýramyň çapyksuwar köýnegini tikýär. Ejesi köýnegi tikip bolup Baýrama geýdirýär. Baýram çapyksuwar köneginde ýylgyrýar, ýeňlerini sypalaşdyrýar. Şol wagt kakasy ol otagdan beýleki otaga gaharly, sesini çykarman geçip gidýär. Maýa ogluny gujaklaýar.
**Baýram: Şu gezejik...**
Arzygülüň gopuz çalyp oturany, ony görüp gorkuşy Baýramyň göz öňünde. Oraz aganyň sesi ony özüne getirýär.
**Oraz aga: Aty  eýerle oglum.**
Baýram Kiçi Seräniň üstünde. Oraz aga atyň uýanyndan tutup, bile ýöräp barşyna Baýrama iň soňky tabşyryklary berýär. Baýramyň gözleri hyjuwly.
**Oraz aga: Ikinji belgidäki Altyntaýy sypdyrmagyn. Öňe gitse, senem gapdalyndan galma. Ýöne gönä gelýänçäň öňüne düşme. Şony ozsaň, birinji bolarsyň. Tolgunmajak bol. Sen tolgunsaň atyňam tolgunar. Bar, Alla ýaryň!**
Oraz aga tabşyrygyny gutaransoň, Şatlyk ylgap Baýramyň ýany bilen ep-esli gidýär.
**Şatlyk: Dagytgyn, eý...**
Baýram oňa-da, hyrçyny dişläp baş atýar. Baýramyň ýüzi hyrsyz, gözleri ýanyp dur.  Atlar tomaşaçylaryň öňünden geçip barýarlar. Iki sany nätanyş 10-12 ýaşlaryndaky oglanjyk tomaşaçylaryň arasynda. Olaryň biri „**Kiçi Sere! Kiçi“** diýip, bogazyna sygdygyndan gygyrýar. Beýlekisi **„Altyntaý!, Altyntaý!“** diýip zowladýar. Atlar tomaşaçylaryň öňünden öňatdyryp geçip toýhana tarap gidýärler.

**23-nji epizod.**
Arzygülleriň öýi.
**Alypbaryjynyň sesi: Häzir siziň ekranyňyzda şu ýyl owadanlykda çempion diýlip yglan edilen Kiçi Sere barýar. Onuň çapyksuwary, ýaş çapyksuwar Baýram Sapaýew.**
Arzygül çäýnege ýapyşyp, aşhana tarap gidýär. Ejesi yzyndan gygyrýar.
**Ejesi: Gör-dä indi.**
**Arzygül: Çaýym gaýnady.**
Arzygül aşhanada. Çäýnegi iki eli bilen berk gysyp dur.
**Arzygül: Sag-aman gelsin, sag-aman gelsin...**

**24-nji epizod.**
Aýlaw. Atlar gysynyň arka ýüzünde. Gyzyl, sary, gök, ala... dürli reňkli köýnekler geýen çapyksuwarlar jylawyny çeýnäp öňe dyzaýan dor, gara, mele, gyr, akýal mele... dürli reňkli atlaryň üstünde. Baýramyň gözi ikinji belgili Altyntaýda. Akýal mele taýyň üstünde gyrmyzy köýnekli çapyksuwar hem Kiçi Serä seredýär. Atlar ýeke-ýekeden ýerlerine girýärler. Gysynyň öňi açylýar. Atlar öňe okdurylýarlar. Baýdak ýatýar. Eminleriň oturan ýerindäki jaň hem baýdak bilen birlikde kakylýar. Eminleriň sekundomerleri işläp başlaýar. Turuwbaşdan bir gara at öňe saýlanýar. Emma yz ýanyndan barýan Altyntaý derrew onuň bilen deňleşýär. Olaýň yzynda

Kiçi Sere. Kiçi Sere öňe dyzaýar. Baýram hyrçyny dişläp, bar güýji bilen ony çekýär. At toýnaklaryna göz ilenok. Altyntaý gara atyň deňinden geçýär. Indi öňde Altyntaý. Baýramam gara at bilen deňleşýär. Tiz wagtdan Kiçi Sere-de ikinji orna geçýär. Gara at daljygan bolarly, ýuwaş-ýuwaş onuň bady peselýär. Beýleki atlar hem kän yzda däl. Olar topar tutup, ýanaşyp, Altyntaý bilen Kiçi Seräniň yzyny basyp gelýärler. Altyntaýyň çapyksuwary zol yzyna Kiçi Serä seredýär. Kiçi Sere onuň daş ýüzünden gapdallaşýar. At Baýrama çekdirmejek bolýar. Ol gaýta-gaýta Altyntaýa seredýär. At toýnaklaryndan bölek-bölek bolup kiçijik tozan asmana göterilýär. Tribunadaky tomaşaçy oglanjyklaryň biri ýuwaş ses bilen „Kiçi, Kiçi“ diýip, duran ýerinden bökjekleýär. Onuň gözi uzakdan görünýän atlarda, öz hereketlerini duýanok. Birden ol bogazynasygdygyndan „Kiçi, Kiçi“ diýip gygyryp başlaýar. Baýram henizem Kici Seräň jylawyny cekip otyr. Kiçi Sere öňe dyzaýar.
**Baýram: Howlukma Kiçim... Howlukma...**
Atlar göni ýola düşýärler. Altyntaýyň çapyksuwary öňde bolsa-da, gyssanyp başlaýar. Ol atynyň jylawyny gowşadypdyr. Baýram hem jylawy gowşadyp başlaýar. Iki at deňleşýär. Iki çapyksuwar biri-birlerine seredişýärler. Altyntaýyň çapyksuwary atyny sürmäge başlaýar.
Tomaşaçylaryň gopguny asmana göterilýär. Iki oglanjygyň hersi öz bellän atynyň adyny tutup gygyrýar. Baýram hem Kiçi Seräni sürüp ugraýar.
**Baýram: Gitdik, Kiçim! Haýda! Haýda!..**
Kiçi Sere Altyntaýyň deňinden geçýär. Öňde aýlaw ýoly. Giň ýol. Baýramyň öňünde indi hiç kim ýok.
Pellehana ýakynlaşyp gelýär.
**Baýram: Öňde hiç kim ýok. Hiç kim...**
Birinji bolandygyna ynanan Baýram biraz badyny gowşadýar. Şol wagt gapdaldan başga bir al atly öňe dyzaýar. Birden ony gören Baýram, gaýtadan gyssanyp başlaýar, emma giç. Al atyň bady güýçli. Ol pellehandan bir boýun Kiçi Sereden öň geçýär. „Kiçi Sere diýip gygyrýan oglanjygyň sesi gyrylypdyr. Ol zordan gapdalyndaky adama ýüzýenýär.
**Oglanjyk: Kiçi Sere ikinjimi?**
**Nätanyş adam: Sesiňe näme boldy?**
**Oglanjyk: Aý, gyrylaýdy-laý.**
Şatlyk Kiçi Seräň öňünden çykýar, baryp aty tutýar. Oraz aga-da ýanyna gelýär. Baýramyň haşylap demi-demine ýetenok.
**Baýram: Altyntaýy ozdum-a. Näme üçin... näme üçin... pellehana çenli gowşama... diýmediň?**
Baýram atdan böküp düşýär-de, öýkeli, aňrysyna bakýar.
**Şatlyk: Gowy çapdyň-a... Şuň ýaljak galdyň...**
Baýram ýumrygy düwülgi, lapykeç athana tarap gaýdýar. Şatlyk oň yzyndan seredip galýar.
**Oraz aga: Degme, köşeşsin...**

**25-nji epizod**
Aýlaw. Oraz agalaň athanasynyň agzy. Nazar bilen Baýram oturgyçda otyrlar. Oraz aga bilen Şatlyk Kiçi Seräni alyp gelýärler.

**Şatlyk: Eý, ikinji ýere holodilnik berdiler.**
Şatlyk Kiçi Seräni athana salýar. Oraz aga Baýram dagyň oturan ýerine barýar. Nazar turup Oraz aga ýer berýär.
**Oraz aga: Çytylma. Birinji gezek oň ýaly çapsaň. Men dagy birinji gezekde iň yzy bolupdym...**
Baýram sesini çykarman oturýar.
**Oraz aga: Galanyňa namys etseň, indikide ozarsyň. Dorgunandan beýle çapuwa garşamandym. Senem ýene azajyk gaýrat eden bolaň-da. Ozandyryn öýtdüň-dä. Zyýany ýok. Aýlawdyr bu, bir ozarsyň, bir galarsyň.**
Şatlygam gelýär. Baýramyň arkasyna kakýar.
**Şatlyk: Indikide daş edip ozarys. Uly baýraga ýazsana Kiçini Oraz aga.**
**Oraz aga: Inşallah.**
**Nazar: Oraz aga, Kiçi Seräňem soňuna gelende ysgyny gaçdy öýdýän? Olaň açlygyndan ysgyny gaçýan ýaly?**
**Oraz aga: Aý, ýok-la, soň Baýram ikilenç sürüp ugransoň ýöre-dä.**
**Nazar: Hemme kişem şeý diýýär.**
**Şatlyk: Kim näme diýýärkä diýip gulagyňy gabardyp ýörmeli däl-ow.**
Şatlyk bilen Nazar bir-birine alarylýarlar.
**Oraz aga: Indiki çapuw Kümüşliňki dälmi? Diňle, Baýram. Bu gezek gaçarsyň. Ýöne gatam gyssamagyn. Birden öwrüme çenli ýetip geçseler, nesibedir. Indiki çapuwlarda gowy çapar. Ýoldaşlary gaty güýçli.**
Şatlyk ellerini hereketlendirip janygyp gürlemäge başlaýar.
**Şatlyk: Oraz aga bolmasa, gyssanmasa. Yzda otursyn, ýaňky Kiçini ozanyň edişi ýaly soňundan...**
**Oraz aga: Hany sen, atyňy çykar, oglum, öňümizde çapuw kän.**
Şatlyk Kümüşlini eýerlemäge göwünsiz gidýär.
**Oraz aga: Baýram galma senem. Atýatakdan münüp çyk.**
Baýram öňküsindenem hyjuwly. Ylgap Şatlygyň yzyndan ýetýär. Şatlyk ellerini hereketlendirip oňa birzatlar düşündirýär. Oraz aga olar aty münüp çykýançalar telpegini bir geýip, bir çykaryp iki ýana ýöreýär. Aladaly, ýüzi ýerden galanok. Nazar gözüniň astyndan ony synlap dur. Olam elinde bede çöpi ony döwüm-döwüm edýär. Baýram Kümüşlini münüp at ýatakdan çykýar. Oraz aga ýakyn gelýär.
**Oraz aga: Gysa girmäge howlukma. Tomaşaçylaryň öňündenem aňyrrakdan aýlanyp geç. Gyrguş bilen Garadag dyzap biraz özüni horlasyn. Şol ikisi bir-birini saklap seni gönä çenli kowmasalar gelersiň. Bar, Alla ýaryň. Galasaňam gynanmagyn. Hemmesi nesibedir.**
Baýram Oraz agaň tabşyryşy ýaly Kümüşlini tomaşaçylaryň öňünden howlukman aýlaýar. Emin jaň kakyp oňa gysa çaltyrak bar diýip duýduryş berýär. Baýram gysyň agzynda-da oňa girmäge howluganok. Şatlyk atynyň uýanyndan tutup ony gysa salmaga kömekleşýär. Kümüşli gowy der beripdir.
**Şatlyk: Indi gaçaýmasaň bu saňa saklatmaýaram.**
Baýram jogap berenok. Gysa girýär. Atlara start berilýär. Baýram turuwbaşdan öňe düşýär. Şatlyk aýlawyň içi bilen pellehana tarap ylgaýar. Iki gözi atlarda. Çapuwam görjek bolup büdüräp gidýär.

**Şatlyk: Kümüşlim, Kümüşlim. Gaç, gaç.**
Baýram aty orta çekiwde saklap barýar. Ony kowýan ýok. Yzdaky atlar topar bolup gelýärler. Gönä ýakynlaberende iki at Kümüşlini kowup ugraýar. Aýlawyň diktory olaryň Garadag bilen Gyrguşdygyny aýdýar. Olar barha arany ýygyrýarlar. Kümüşli dogry ýola düşýär. Ol biraz gowşajak ýaly edýär. Baýram doly jylawy goýberip ony ýetişibildiginden gyssaýar. Yzdaky atlaryň barha aýak sesleri gaty eşidilýär. Soňa-baka olaryň burnunyň parryldysy eşidilýär. Baýram yzyna garaman sürüp otyr. Pellehana görnüp dur. Gyrguşyň gyr boýnuna Baýramyň gözi düşýär. Has gyssanýar. Beýle gapdalyndan Gardag has zarply gelýär. Baýram hyrçyny dişläp, ýetişibildiginden atyny gyssaýar. Ol indi hatda pellehananam görenok. Diňe Kümüşliň inçe gara aýaklary, ýapyrlyp ýatan gulaklary, selçeň ýallaryny görýär. Birdenem atlar pellehanadan geçende kakylýan jaňyň sesini eşidýär. Iki gapdalyndan gelen atlaryň ikisem deňinden geçip gidýärler. Baýram ozanynam bilenok, galanynam. Pellehanadan geçen atlar batlaryny ýatyranda atbakarlary ylgap gelip olaryň uýanyndan tutýarlar. Şatlygam gelip Kümüşlini tutýar.
**Baýram: Ikinjimi, kim ozdy?**
**Şatlyk: Bilmedim, görüp ýetişip bolmady. Özüň görmediňmi?**
**Baýram: Ýok, men aty gyssadym, başga zady bilemok.**
**Şatlyk: Fotofiniş görkezer. Meň gözüm-ä sen ozduň.**
**Alypbaryjy: Pikir beriň, 6-njy çapyşgyň ýeňijisini fotfiniş kesgitledi. Ol Kümüşli, Çapysuwary, ýaş çapyksuwar Baýram Sapaýew.**
**Şatlyk: Dostjan, ozduk. Düş atdan men seni bir gujaklaýyn-la.**

**26-nji epizod**
Athanada Nazaryň ýeke özi ogurlyk edýän ýaly, töweregine garanjaklap, Tumarlyň ýatagynyň gapysyny açyp, daşyndan iýim berip dur. Baýram birbada nämäň-nämedigine düşünmän kürtdürip durýar. Soň ylgap baryp, Nazaryň eline ýapyşýar.
**Baýram: Eý, at çişer... çapmaz...**
Emma çepiksije Baýramyň Nazara güýji ýetenok. Baýram bir sagyndan, bir çepinden baryp, iýmli gaba elini ýetirjek bolýar. Nazar arkasyny tutup, Baýramy iýmli gaba eltenok. Itenek-çomanakda 5-6 däne süle Tumarlyň gapysynyň agzyna dökülýär.
**Nazar: Aýryl...**
**Baýram: O häzir çapmal-a...**
**Nazar: Özüm gowy bilýän.**
**Baýram: Berme, atyň çapmaz.**
Nazar jogap berenok. Oňa çenli Tumarly gapdaky iými iýip bolýar. Nazar boşan gaby iým goýulýan ýere oklap goýberýär.
**Nazar: Aýdaýsaň, soň meň adymy tutaýmagyn. Kümüşlem soňunda tas galypdy.**
**Baýram: Men-ä çapmaryn.**
**Nazar: Çapmasaň hasam gowy. Atlammyzda ysgyn ýok, göreňokmy?**
Oraz aga gelýär.
**Oraz aga: Nazar, Tumarlyny eýerle.**
**Nazar: Eýýämmi?**

**Oraz aga: Irräk çykaryp, biraz gezdireli.**
**Nazar: Çapuw eýer salaýynmy?**
Oraz aga Baýramyň arkasyna kakýar.
**Oraz aga: Ozana meňzeş dälle sen? (Nazara) Ýok, öz eýeriňi sal, özüňem mün, Baýram dynjyny alsyn. Içki aýlawa gir-de ýörediber.**
Baýram Kümüşlini idip aýlap ýören Şatlygyň ýanyna barýar. Ýerde bir zady depýän ýaly gaharly aýagyny galgadýar.
**Şatlyk: Saňa näme boldy-eý? Nämä gaharlanýaň?**
**Baýram: Nazar Tumarla iým berdi.**
**Şatlyk: Nätdiň-aý. Oraz aga bilýämi?**
Baýram başyny ýaýkaýr.
**Şatlyk: Näme üçin aýdaňok? Al şuny.**
Baýram Kümüşliň jylawyny alman, Şatlygy saklaýar.
**Baýram: Dur. Aýtsaň, Oraz aga Nazary kowar.**
Şatlyk nätjegini bilmän durýar.
**Şatlyk: Ata bir zat bolaýsa näme?**
**Baýram: Belki, zat bolmaz.**
Şatlygyň gahary gelýär, janygýar.
**Şatlyk: Bolmazmy?!**
Baýramam gaharlanýar.
**Baýram: Näme adam satjakmy?**
Baýram Oraz aganyň athanadan çykanyny görüp, Şatlygyň ýanyndan aýrylyp, oňa tarap gaýdýar.
**Baýram: Tumarlyny men çapmaýyn-la...**
**Oraz aga: Hä? Ýadadyňmy?**
**Baýram: Aý... Öz atlarymyzy çapdym bolýa-da...**
**Oraz aga: Tumarly näme öz atymyz dälmi?**
**Baýram: Aý...**
**Oraz aga: Nazar bir zat diýdimi?**
**Baýram: Ýok...**
**Oraz aga: Onda näme näziňi artdyrýaň.**
Oraz aga Baýrama gaharly seredýär. Soň Nazara gygyrýar.
**Oraz aga: Nazar, aty getir. (Baýrama) Bar senem öz eýeriňi sal.**
Baýram sesini çykarman athana girýär. Şol wagt Oraz agaň ýanyna Mämmet gelýär.
**Mämmet: Tumarlyň taby nähili, Oraz aga?**
Oraz aga göwünli-göwünsiz jogap berýär.
**Oraz aga: Agyrrak.**
**Mämmet: Kümüşlini çapan oglana mündirjek dälmi? Tüweleme dogumlyja eken.**
Oraz aga bilen Mämmet ikisem tirkeşip athana girýärler. Nazar bilen Baýram Tumarlyny eýerläp dur.
**Oraz aga: Bul-a men çapmaýyn diýip dur.**
**Mämmet: Hä?**
**Oraz aga: Galsa, bir zat diýiler öýdýändir-dä.**

**Mämmet: Aý, ozmak-galmak nesibe işi. Ýa Nazar bir zat diýýämi? Aýt, gulagyny towlaýyn...**
**Baýram: Ýok-laý...**
**Mämmet: Nazar! Akyllyja bolgun... Baýram jan, Kümüşlini çapyşyň ýaly çapsaň bolar. Gaýrat et, hany...**
Baýram bilen Nazar aty eýerläp çykýarlar.
**Oraz aga: Beh, at-a üýtgäpdir. Hälki Tumarly däl.**
**Mämmet: Belki gowulygadyr?**
**Oraz aga: Haý... haý näbileýin...**
Baýrama iň soňky tabşyrygy berýär.
**Oraz aga: Turuwdan gaty gyssanmagyn. Atyň tabyny halamok. Bir kem-ä bar.**
**Baýram: Oraz aga...**
**Oraz aga: Özelenip durma. Bar, Alla ýaryň. Nazar, aty ugrat.**
Nazar ylgap gelip Tumarlynyň uýanyndan tutýar. Tumarlynyň üstünde Baýram gaharly otyr. Olar aýlaw ýodasyna çenli gelýärler.
**Baýram: Atyňa bir zat bolsa menden görmegin.**
**Nazar: Hiç zat bolmaz. Gaýta ozar.**
Oraz aga athanaň öňünde özbaşyna gürleýär.
**Oraz aga: Gözüm kütelipmi, zeinim kütelipmi...**
Çapuw başlanýar. Ýedi at ýola düşýär. Tumarly orta gürpde barýar. Birden onuň bady gowşaýar. Beýleki atlar Tumarlyň deňinden geçip gidýärler. Baýram pellehanadan iň soňky bolup geçýär. Athanaň öňünde Oraz aga bilen Nazar öňünden çykýar. Baýram atyň uýanyny Nazara berýär. Ýüzi salyk.
**Oraz aga: Nädip beýle boldy?**
Baýram Oraz aga jogap berenok. Tumarlydan eýerini aýyrýar. Baýram bir bede kipiniň üstünde oturýar. Oraz aga ýumurtgalary sanap görýär. Baýram eýeri ýerinde goýýar.
**Oraz aga: Nazar gije atyň iýmine ýumurtga goşaýdymyka diýdim. Olaňam sany dogry. Bizdenem bir seýis bormy. Sygyr bakdyrmaly bize... Ýa, Baýram, ökdesirän bolup bir zat etdiňmi?**
Baýram Oraz aga jogap bermän yzyna, athanadan çykmakçy bolýar. Şol wagt Mämmet gelýär.
**Mämmet: Oraz aga, at nädäýdi?**
Oraz aga Mämmede geldiňmi hem diýenok. Birden Oraz aganyň gözi Tumarlynyň ýatagynyň agzyna dökülen süle dänelerine düşýär.
**Oraz aga: Baýram!**
Baýram Oraz agadan eşitmedik azymly sesine sakga durýar. Mämmet aňka-taňka bolýar.
**Oraz aga: Men saňa diýýän, Baýram, bärik gel.**
Baýram gorkuly, ýuwaşja ädimläp gelýär. Oraz aga oňa Tumarlyň ýatagynyň agzyndaky süle dänelerini görkezýär.
**Oraz aga: Bular näme?**
**Baýram: Bilmedim.**
Oraz aga aňyrdan gelen Şatlyga soragly seredýär.

**Şatlyk: Men-ä irden gül ýaly edip, ähli ýeri süpürdim.**
**Oraz aga: Bar sen aty gezdir, Nazar gelsin.**
Şatlyk Tumarlyny ýatagyna alyp gelýän Nazar bilen pete-pet garşylaşýar.
**Nazar: Aýtdyňmy?**
**Şatlyk: Barsanaý. Bärik ber Tumarlyny. Seni Oraz aga çagyrýar.**
**Nazar: Aýtdyňyz dälmi?**
Şatlyk gözüni alardyp, onuň elinden Tumarlyň uýanyny alýar. Yzyna dolaýar. Nazar Oraz agaň ýanyna gelýär. Oraz aga Nazardan süle dänelerini görkezip, azymly soraýar.
**Oraz aga: Bu näme?**
**Nazar: Süle.**
**Mämmet: Bizem bilýäs şoň hyýar däldigini? Nirden düşdi bular?**
**Nazar: Iým berdim.**
**Oraz aga: Haçan?**
**Nazar: Çapuwyň öň ýany.**
**Baýram: Ol gowsuny etjek boldy, Oraz aga.**
**Mämmet: Seň kelläň nirde?**
**Baýram: Oraz aga, Mämmet aga, Nazar bilmän etdi...**
**Oraz aga: Ýa sen öwreden bolduňmy?**
Baýram jogap bermän başyny aşak sallaýar.
**Nazar: Ýok, o soň geldi.**
**Oraz aga: Näme üçin maňa aýtmadyň, saňa diýýän Baýram?**
**Baýram: Taý gowlanar, Oraz aga...**
**Oraz aga: Gözüme görünmäň ikiňem, seýissumaklar. Gowlanjakmyş... Çapmajak bolşuňdanam aňaýmandyryn.**
Baýram sesini çykarman olaryň arasyndan gidip ugraýar.
**Nazar: Oraz aga, ony kowmaň. Men etdim, men gideýin.**
**Mämmet: Saňa gözüme görünme diýmedimi seýis?**
Nazar kimden haraý görjegini bilmän Baýramyň yzyndan ylgaýar. Şatlyk Tumarlyny idip athana girýar. Nazaryň gözünde ýaş bar.
**Nazar: Şatlyk, aýtsana, Oraz aga Baýramam kowýar. Oň günäsi ýoga.**
Şatlyk onuň aýdanlaryna nähili düşünjegini bilenok. Baýramyň çapyksuwar köýnegini aýryp, zatlaryny ýygnap ýörenini görýär. Tumarlyň ýatagynyň agzynda Oraz aga bilen Mämmet dur.
**Mämmet: Bir belasy bolmasa Tumarly beýle galmaly at däl-ä.**
**Şatlyk: Oraz aga Baýramy kowmaňda, oň günäsi ýoga.**
**Oraz aga: Maňa näme üçin aýtmandyr?**
**Şatlyk: Adam satmajak boldy.**
**Mämmet: Hana indi özi kowuldy-da.**
**Şatlyk: Oraz aga...**
Ol Oraz aga seredýär.
**Oraz aga: Bar ikisinem çagyr.**
Şatlyk olary alyp gelýär.
**Oraz aga: Gaýdyp menden bidin atlara birzat edäýseňiz... Baryň işiňiz bilen boluň.**

**Oglanlar gidýär.**
**Mämmet: Ata zat bolmaz-da, hernä.**
**Oraz aga: Görmeli-dä. Baýram jan kän gyssamady, öz-ä. Açylar-la inşallah...**

**27-nji epizod**

Aýlawyň weterinar gullugynyň jaýy. Ak ýektaýly weterinar ýigit Tumarla seredýär. Atyň başyny Nazar tutýar, Oraz aga-da ýanynda.
**Weterinar: Hä, hmm. Ine, ine... Ine, boldy.**
**Oraz aga: Şol çapuwdan bäri gyzgyny gidenok. Keçeläp derledibem gördüm. Özem sus. Iýminem gowy alanok.**
Weterinar atyň ýüreginiň urşuny diňleýär.
**Weterinar: Gorkuly zat ýok, Oraz aga. Ýöne ata biraz agram düşüpdir.**
**Oraz aga: Adamam dok garnyna ylgatsaň agram görer.**
Weterinar ýigit ýylgyrýar.
**Weterinar: Bu Nazar, seň oýlap tapan seýisçiligiňmi? Aýby ýok, men häzir.**
Ol öz otagyna girýär. Eli dermanly çykýar.
**Nazar: Bahym, gutular gerek?**
**Weterinar: Gutular, inşalla. Ýöne bir hepdläp işletmek bolmaýar, diňe ýöriş. Oraz agaň diýeninden çykmagam gadagan. Şundan dört sanysyny owradyp, her gezek atyň iýmine gararsyňyz. Oraz aga, men size öwretmeli däl, özüňiz gowy bilýänsiňiz, gyzgynyň dermany suw. Suwa düşüriň, aýaklaryny suw bilen massaž ediň.**
Aýlawyň ýörite howzunda Nazar Tumarlyny suwa düşürýär. Batly akýan suw bilen aýaklaryny massaž edýär.

**28- nji epizod**
Gije. Çyraň ýagtysyna Oraz aga atlary synlap ýör. Ol Tumarlyň ýatagynyň öňünde köp durýar. Soň ýataga girip, atyň alkymyny elläp görýär. Tumarly parahat dur. Nazar gelýär.
**Nazar: Oraz aga atym gutulypdyr gerek?**
Oraz aga gaňrylyp, seredýär. Görse, Nazar atýatagyň agzynda dur.
**Şeýis aga: Şeýle ýaly. Ýataňokmy?**
**Nazar: Ukym tutanok.**
Oraz aga Tumarlyň ýatagyndan çykýar.
**Oraz aga: Ukyň tutmaýan bolsa, gel, ikimiz bir zat edeli. Tumarla uzyn tanaply kellekini sal-da daşaryk çykar.**
**Nazar: Şu wagtmy?**
**Oraz aga: Hawa, häzir.**
Nazar aty alyp çykýança Oraz aga goş-golamlaryň arasyndan, şyhmütürli tebläni gözläp tapýar, bir eline-de çekiç alýar. Aý aýdyň gije. Aý asmandan asylan mähnet çyra meňzeýär. Ýyldyzlar patrak ýaly. Töwerek ümsümlik. Tumarly biwagt çagt daşaryk çykarylmagyny geň görýän ýaly, daş-töwerege keýerilýär. Durup diň salýar. Garalyp görünýän aýlaw ýodasyna seredýär, owadan kişňeýär. Oraz aga bir giňişlige gelýär-de, Nazary çagyrýar.

**Oraz aga: Nazar aty bärik getir. Me, şuny kak şu ýere. Aty maňa ber.**
Nazar derrew Oraz agaň diýenini edýär. Oraz aga tebläň berkligini barlaýar-da, oňa Tumarlyny daňýar.
**Oraz aga: Ýör, indi meň düşegimem çykaraly.**
Oraz aga bilen Nazar bir krowady daşaryk alyp çykýarlar. Tumarly olara seredip, kişňejek ýaly edýär-de, gazygynyň daşyndan gorgun aýlanmaga başlaýar. Oraz aganyň muny görüp ýüzi ýagtylýar.
**Oraz aga: Berekella!**
Nazaram atyň özbaşyna aýlanyp durmasyna geň galyp seredýär.
Olar krowady Tumarlyň aýlanyp duran ýeriniň 4-5 ädim golaýynda goýýarlar.
**Nazar: Atyň ýanynda ýatmaly bolsa, men ýataýaýyn. Boşasa, serederin.**
Oraz aga loh-loh gülýär. Nazaryň başyny sypalaýar. Tumarly bolsa, kä gorgun, kä öňatyp, uzyn tanapyň daşynda aýlanýar.
**Oraz aga: Ýok, oglum. At boşamaz. Ata şöwür çekdirmeli bolaýmasak.**
**Nazar: Şöwür näme, Oraz aga?**
**Oraz aga: Gije münmeli.**
**Nazar: Men münerin, Oraz aga.**
Oraz aga indi gowy öňürdükläp çapýan atyň ýanyna golaý gelýär. Tumarly öwredilen ýaly, bir sydyrgyn, gazygynyň daşyndan aýlanyp dur.
**Oraz aga: Sen agyrrak-da oglum. Baýram laýyk... O-da gije at münüp ertesi okuwyna ýaraýsa?**
**Nazar: Kanikula çykýasam diýýärdi.**
**Oraz aga: Olar ýaly bolsa Baýrama bärde ýat diýeris. Bolmasa, sen münmeli borsuň. Indi git ýat. Ertir turup bilmersiň.**
**Nazar: Menem daşarda ýataýayn?**
**Oraz aga: Men-ä aty garawullajak, senem meninimi?**
**Nazar: Ýataýayn-la, Oraz aga.**
**Oraz aga: Seňem atyňy gowy görüşiň çynyň-ow. Bor-da.**
Gijäň eslisi geçipdir. Oraz aga jübüsinden sagadyny çykaryp Aýyň ýagtysyna tutýar. Sagat bir bolup barýar. Nazar süýji ukuda ýatyr. Oraz aga onuň ýorganyny düzedýär. Tumarly çägesew ýerde kän bir tozanam turuzman, kä wagt bir burnuny parryldadyp aýlanyp dur. Oraz aga ýene sagadyny çykaryp seredýär. Sagat üç bolup barýar. Tumarly entegem maýdalyna gazygyň daşynda çapyp, aýlanyp dur.
**Oraz aga: Berekella! Berekella...**
Oraz aga turup gezmeleýär, soň ýene ýerine geçýär. Ýassyga kellesini goýup irkilýär. Aýyň ýagtysyna hatar-hatar athanalar, ýeke özi özbaşyna aýlanyp çapyp duran at, içmegine dolanyp ýatan Oraz aga, ýene ýorganyny serpip, üstüni açan Nazar täsin görünýär. Tumarly gowy derläpdir. Ol indi gorgunyna aýlanýar. Oraz aga atyň burnunyň parryldysyna ýalpa gözüni açýar. Sagadyna seredýär. Bäşiň ýary. Turup Nazary turuzýar. Soň atahana gidýär. Atlar Oraz agaň aýak sesine hokranyşýarlar.
**Oraz aga: Turaweriň oglanlar, bäşiň ýary. Baýramam geler. Şatlyk....**
**Şatlyk: Turdum... turdum...**
Oraz aga oglanlar turuşýança ýene atlary ýeke-ýeke synlaýar. Oňa çenli Baýramam gelýär.

**Baýram: Salowmaleýkim. Tumarly daşarda-la?**
Oraz aga Baýramyň aladaçyllygyna ýylgyrýar.
**Oraz aga: Waleýkim. Geldiňmi? Tumarl-a uzak gije özüni seýisledi. Kanikulyň haçan?**
Baýram elleşip Oraz aga bilen salamlaşýar.
**Baýram: Kanikula çykdym.**
**Oraz aga: Onda bärde ýatsaň, men Mämmede aýlyk ýazdyraryn. Tumarlyny gije münmeli boljak. Şöwür çekdirmeli.**
**Baýram: Aýlyk hökman däl, Oraz aga. Şeýle-de bärde ýatjak.**
**Oraz aga: Nämäň hökmandygyny özüm gowy bilýän. Meniň diýenim bilenjik bol.**

**29-nji epizod**
Gün ikindä ýakynlapdyr. Tumarlyda Baýram, Oraz aga-da Şatlygyň atynda çölüň alaňlarynyň arasyndan barýarlar. Oraz aga Baýrama gije at işletjek ýoluny görkezýär. Olar ýol aýyrda gelýärler. Oraz aga ýanyndaky torbadan bir bölek ak mata çykarýar.
**Oraz aga: Şo sazagyň şahasyna daň. Gije şu tarapa gidersiň.**
Baýram atyny sazaga ýakynlaşdyryp, atdan düşmän matany sazagyň ýokarky şahalarynyň birine daňýar.
**Oraz aga: Ýör indi. Esasy ünsüň sagadyňda bolsun. Guma gireniňden bir sagat gowy gorgun sür. Soň iki sagat öňňerekledersiň. Gaty ýuwaş gitgin. Dyzasa-da goýbermegin. Soň ýarym sagat ýöredersiň.**

**30-njy epizod**
Aý-aýdyň gije. Baýramyň ýeke özi Tumarlyny öňatdyryp barýar. Ol öýlänki mata daňan sazagynyň deňinden, Oraz agaň görkezen ugruna tarap geçip gidýär. Ol zol sagadyna seredýär. Ahyry atyň uýanyny çekip ýöretmäge başlaýar. Gije çöl täsin görünýär. Tumarly garader bolupdyr. Şonda-da keýpi kök. Arasynda durup, töweregine gulagyny keýerdip, seredýär. Uzakdan tilkimi, şagalmy görnüp gidýär. Kä ýerde alaňyň depesinde alaka ony geň görýän ýaly synlap durýar, soňam ýitirim bolup gidýär. Baýram atyň boýnuny, ýalyny sypalaýar. Baýramyň bu hereketleri ata hoş ýakýar.
**Baýram: Kiçimiň-ä mensiz ýüregi gysýandyr. Nazaryňam seni göresi gelýändir. Dogabagyňam taýýar bolup barýandyr.**
Baýram aýdyma hiňlenýär. Daň atýar. Oraz aga onuň öňünden çykýar.
**Oraz aga: Gelýäňmi, oglum? Atyň taby nähili?**
**Baýram: Ýol boýy çapjak bolup, dyzap gelýär.**
**Oraz aga: Tüweleme... Tüweleme... Nazar, atkeçänem üstüne at, deri birden gaýtmasyn.**
Şatlygam gelýär. Olar Tumarlyny synlaýarlar.
**Oraz aga: Baýram, Tumarlyny sen çaparsyň.**
**Baýram: Haçan?**
**Oraz aga: Kiçi ikisini uly baýraga ýazjak.**
**Şatlyk: Kiçini kim çapar?**

**Oraz aga: Ýunus.**
**Baýram: Ýunus Tumarlyny çapaýsyn.**
**Nazar: Hawa-hawa, Ýunus çapsa ozaram. Atym gowy.**
**Oraz: Sen aty näbilýäň? Baryň işiňiz bilen boluň.**
Baýram Kiçiseräni gaşawlap dur. Aty bilen gürleşýär.
**Baýram: Eşitdiňmi, Kiçim, jigim? Seýis aga seni Ýunusa çapdyrjak diýýär. Gynanma gaýta ozarsyň.Ýunus ussat çapyksuwar.**
Şol wagt Nazar gelýär.
**Nazar: Sen bigaýrat. Saňa at çapsaň bolýar. Sende dostuňa wepa-da ýok, gaýradam ýok. Jigim diýenem bolýaň.**
**Baýram: Näme men seýis aga çapjak däl diýeýinmi? Diýeniňi etjek däl diýeýinmi?**
**Nazar: Seýis agaň başyna atma. Şu wagt ýok diýseň Tumarla Ýunusy mündürjegi bellä?**
**Baýram: Sen näme diýseň diýiber-how. Men atam ýaly adam etjek däl diýmen.**
Dinnikden çykyp gidýär.

**31-njy epizod**
Ýene ala daňdan. Çapyşyga iki gün galanda atlar daruw – özara, has gysga aralykdan doly güýjüne golaý çapydyrylyp, synagdan geçirilýär. Oraz aganyň elinde sekundomer. Olgarşydaş atlaryň çapyşyna syn edýär, sekundomer bilen olaryň tizligini belleýär. Aýlaw çapuw gününi ýatladýar. Şol wagt Baýram bilen Nazar hem atlaryny gorduryp, Oraz agaň duran ýerine gelýärler.
**Oraz aga: Häzir Ýunusam gelsin. Baýram sen Tumarla geç. Bu gün daruwdyr, çapuw däldir. Aty gyssamagyn.**
Oňa çenli ussat çapyksuwar Ýunus öz atyny gorduryp gelýär.
**Oraz aga: Geldiňmi, Ýunus. Nazar, sen Ýunusyň atyny al.**
**Ýunus: (Nazara) Bir aýlaw gorgun sür, oňa çenli bizem darydyp bolarys.**
Nazar sesini çykarman Ýunusyň atyny münýär-de gorduryp gidýär. Oraz aga Tumarla münen Baýramy ýanyna çagyrýar. Aňyrrakda Kiçi Serä münüp duran Ýunusa eşitdirmän pyşyrdap gürleýär.
**Oraz aga: Gyssamagyn. Goý, Kiçi gowy ozsun. Çekýäniňi Ýunusa-da bildirme.**
Baýram baş atýar. Oraz aga indi töwerege eşitdirip gürleýär.
**Oraz aga: Baýram jan, Tumarlyň aýagy bildirjek bolsa, çekip saklaýgyn. Ýoldaş bolsaň bor. Ýunus, baryň onda. Müň metrden gaýdaýyň.**
Ýunus bilen Baýram daňyň ümüş-tamyşyna siňip gidýärler. Oraz aga bir ýerde durup bilenok. Özbaşyna gürleýär.
**Oraz aga: Alla, özüň abraý ber...**
Çala öň atdyryp, deňje gelýän iki atly – Ýunus bilen Baýram „1000“ diýen bellikli ýere ýetýärler.
**Ýunus: Gitdik.**
Iki at ýüzin salyp gaýdýar. Oraz aga sekundomerini işledýär. Kiçi Sere öňe düşýär. Baýram hyrçyny dişläp, aýagyny üzeňňä diräp, Tumarlyny çekýär. Tumarly

dyzaýar. Olar içki aýlawdan barýan Nazaryň deňinden geçip gidýärler. Kiçi Sere ep-esli arany açyp pellehanadan geçýär. Soňra ýuwaşja öň atdyryp Oraz agaň deňine gelýärler.
**Oraz aga: Aty neneň gördüň, Ýunus jan?**
**Ýunus: Uly Seräňem çeni däl, tüweleme. Aýlaw günem şeýle ýöräýse...**
**Oraz aga: Inşalla-inşalla.**
Nazar Ýunusyň atyny gorduryp gelýär. Ýunus Kiçi Sereden düşüp, ony Nazara berýär. Nazar oňa münenok.
**Ýunus: Bu taýy ozjak at, şu aýlawda-ra ýokmuka diýýän. Seýisligem ýetipdir.**
**Oraz aga: Bor, Ýunus jan, çapuw günem gaýrat edersiň-dä...**
**Ýunus: Bolar, Oraz aga.**
Baýramam Kiçi Seräni münjek bolup Tumarlydan düşýär.
**Oraz aga: Baýram düşme. Nazar, Kiçä sen mün. Baýram, hany ýakynyragyma gel, taýyň aýagyny göreýin. Nazar, Kiçini saklama ýöret. Baýram yzyňdan ýeter.**
Nazar näläç Kiçi Serä münýär-de, ýöredip uzaklaşýar. Oraz aga Tumarlyň başyny tutup, pyşyrdaýar.
**Oraz aga: Nähili?**
Baýramam egilip, pyşyrdap jogap berýär.
**Baýram: Dyzap, tas golumy goparypdy. Goýbersem, Kiçi bilen gidişjegi bildirýär...**
**Oraz aga: Çüş! Diliňe berk bol. Inşalla oýun görkezeris. Nazaryň ýanynda-da, Şatlyga-da: „Agsaman geçse razy“ diýäýgin.**
**Baýram: Oraz aga, siz nädýäňiz? Bar işiňiz Tumarly. Onda Kiçi Sere galmaly-da, şeýlemi?**
**Oraz aga: Bu näme diýdigiň boldy? Maňa ikilik edýändir öýdýäňmi? Bar aty saklama, soň gürleşeris.**
Baýram jogap berenok, gaşlary çytyk.
Tumarlyny çala gorduryp derrew Nazaryň yzyndan ýetýär. Ýaňy dogup gelýän Günüň nuruna atlaryň reňkine gyzyl çaýylan ýaly görünýär.
**Nazar: Näme gaşyň çytyk?**
**Baýram: Näme gülmelimi?**
**Nazar: Özüm-ä öz atymy çapdyrmasalar aglardym.**
**Baýram: Onda näme gaşyň çytyk diýýäň?**
**Nazar: Näme etse-de, Tumarly ozar. Ýöne sen Kiçiden ozmajak bolup, bilgeşleýin çekmeseň...**
**Baýram: Müňkürlik gowy däl-ä.**
**Nazar: Seň Kiçini nähili gowy görýäniňi bilýän. Ýaňam Tumarlyny öldür ýaly çekip otyrsyň.**
**Baýram: Haçan ýaňy?**
**Nazar: Gör, bilmedik bolşuny, pikir büren.**
**Baýram: Oraz aga aýagy agyraýmasyn, goýberme diýdi.**
Nazar Kiçi Seräniň jylawyndan çekip, Tumarlyň ýanjagazyndan ýöreýär.
**Nazar: Eý, çynym bilen senden bir zat haýyş etjek...**
**Baýram: Dogabagymy? Ol-a...**

**Nazar: Dogabagy hiç. Sen, Kiçim-piçim diýmän çynyňy edip çapsaň, şu sagadymy bereýin. Isleseň, şu wagt al.**
Baýramyň has gahary gelýär.
**Baýram: Eý sen nähili adam?**
**Nazar: Görýäňmi, almaýşyňdanam belli...**
**Baýram: Näme belli? Näçe gije ýatman Tumarlyny mündüm, taňryýalkasynyňmy şu?**
Baýram gaharly, atyny sürüp gidýär. Nazar yzyndan gygyrýar.
**Nazar: Oraz aga bilen özüm gepleşerin. Ýunus müner Tumarla.**
Baýram Tumarlyň başyny çekip, Nazaryň deňleşerine garaşýar.
Olar athana girýärler. Nazar Kiçi Seräň ýatagynda atdan düşüp, gözünden ýaş döküp aglaýar. Baýramyň mundan habary ýok. Ol Tumarlynyň eýerini aýyryp koridora çykýar. Görse, Kiçi Seräniň eýeri aýrylmandyr.
**Baýram: Aýyr-da-reý, oň eýerini, men seňkini aýyrdym-a.**
Baýram Kiçi Seräň ýatagyna seredýär. Nazar aglap dur.
**Baýram: Eý, saňa näme boldy?**
**Nazar: Men saňa ynanamok... Ýekeje gepiňe-de ynanamok...**
Nazar athanadan gözüni süpürip çykyp gidýär.
Baýram başyny ýaýkap, nätjegini bilmän durýar-da, atynyň eýerini aýyrýar. Şol wagt Şatlyk hem atyny işledip gelýär. Şatlyk atyndan düşmän Baýrama ýüzlenýär.
**Şatlyk: Nazara näme bolýar-aý?**
Baýramyň ýüzi salyk. Eýeri ýerinde goýýar.
**Baýram: Maňa ynananok.**
**Şatlyk: Näme üçin?**
**Baýram: Tumarlyny çekip galdyrar öýdýär.**
**Şatlyk: Çapmasan-aý, şo jynlyň atyny.**
Şatlygam eýerini alyp gelýär.
**Şatlyk: Çapyksuwaryňkam hezillik däl eken-laý.**
Baýram Kiçi Seräň ýatagynyň öňüne gelýär. Atynyň ýüzüne seredip durýar. At hem eýesine düşünýän ýaly hokranýar. Baýram onuň maňlaýyny sypaýar.
Baýram: **Kiçim, jigim aýtsana men nädeýin?**

**33-nji epizod**
Obaň asfalt düşelen köçesi. Arzygül bilen jorasy barýarlar. Baýram welosipedli olaryň öňünden çykýar. Ol gyzlara utana-utana „gurgunmysyňyz?“ diýip, geçiberjek bolýar.
**Arzygül: Baýram...**
Baýram sakga durup, yzyna gaňrylýar. Olaryň gözleri biri-birine düşýär. Arzygül utanyp aşak bakýar.
**Arzygül: Aýlawamy?**
**Baýram: Hawa.**
**Arzygül: Dogabagyny boldum... Äkidäý, howlugmasaň...**
Baýram yzyna dolanýar. Ol welosipedini idip, gyzlaryň ýanyndan ýöräp barýar. Olaryň hiçisinden ses çykanok. Biraz ýöränlerinden soň, Arzygülüň jorasy öýleriniň deňine ýeten bolarly.

**Jorasy: Bolýa, gyz. Öýleden soň öýňüze bararyn. Baýram, sag bol.**
**Baýram: Sag bol.**
**Arzygül: Haly dokamany öwrenjek diýýä.**
**Baýram: Hmm.**
Ýene olaryň gürrüňi gutarýar. Biraz ýöränlerinden soň Baýram dymyp barmazlyk üçin akylyna gelenini aýdýar.
**Baýram: Bahym aýlawam gutarýar. Bir-iki günden oba dolanyp geleris.**
**Arzygül: Menem garaşdyraýdym. Nädip, gowşurjagymy bilmedim. Şatlygam görýnmedi.**
**Baýram: Hä. Ol aýlawda-da...**
Şol wagt öňlerinden bir ýaşuly çykýar. Baýram onuň bilen elleşip salamlaşýar. Şol iki arada Arzygül 6-7 ädim öňe gidýär. Baýram çalt-çalt ädimler bilen onuň yzyndan ýetýär. Olaryň ýene gözleri bir-birinde eglenýär.
**Arzygül: Horlanypsyň...**
**Baýram: Agramyň agyr bolsa, at çapyp bolanok.**
**Arzygül: Ekzamenleriň netijesi haçan belli bolýar.?**
**Baýram: Ertir.**
**Arzugül: Geçensiň inşalla.**
Baýram ýylgyryp Arzygüle seredýär. Arzygül Baýramyň özüne sereýdänini görüp gyzarýar.
**Arzygül: Menem täze ýyl Çeperçilik akademisyna synanyşsam diýýän...**
**Baýram: Çynyňmy?**
**Arzygül: Girip biläýsem?**
**Baýram: Halyçylyga bolsa, girersiň. Telewizorda aýlawy görýäňmi?**
**Arzygül: Seň çapan gezegiň göremok.**
Baýram geň galyp, duranyny hem duýman galýar.
**Baýram: Näme üçin?**
**Arzygül: Seretmäge gorkýan. Men gorkag-a...**
Baýram näme diýjegini bilmän ýylgyrýar.
**Baýram: At çapanyň bilen hiç zat bolanog-a...**
**Arzygül: Bilýän, onda-da...**
Olar Arzygülleriň öýleriniň deňine gelýärler.
**Arzygül: Häzir...**
Arzygül öýe girip gidýär. Sähel salymdan Arzygül eli paketli dolanyp gelýär.
**Baýram: Sag bol.**
**Arzygül: Dogabagyny görjek dälmi?**
Baýram aljyrap, zordan dogabagyny paketden çykarýar.
**Baýram: Nazar begener. Taňryýalkasyn.**
**Arzygül: Bile ýalkasyn.**
**Baýram: Men onda gitdim...**
Arzygül başyny atýar. Baýram tigrini münüp daşlaşýar.

**34-nji epizod**
Oraz agaň athanasy. Nazar Tumarlyny ýatagyny arassalap dur. Ol özbaşyna Tumarly bilen gürleşýär:

**Nazar: Erttir armanlyja galjakda sen... Şol gün iým bermedik bolsam, ozardyň. Ýene çapardyň ozardyň. Kiçi Sereden pes at däldigiňi bilerdiler. Ýunusa çapdyrardylar. Häzir Baýram çekip sasklar welin seni Kiçi Sereden ozdurmaz. Sen ýene galmaly boljak. Baryna-da men günäkär.**
Şol wagt Nazary diňläp duran Oraz aga durup bilenok.
**Oraz aga: Sen bu gezegem ýalňyşýan bolaýma?**
Nazar tisginip, arkasyna gaňrylýar. Oraz agany görüp, sesini çykarman, aty arassalamak bilen bolýar.
**Oraz aga: Kiçi Sere dördünji gelse, Baýram Tumarlyny bäşinji eder öýdýäňmi?**
**Nazar: Kiçi Sere dördünji gelmeýä.**
**Oraz aga: (ýylgyryp) Altyntaý näme? Garadag näme? Gyrguş näme? Sen gördüňä olaň çapyşyny? Görkezen wagtlaryna seret. Hiçisem Kiçi Sereden pes däl.**
**Nazar: Ýunus çapsa, Kiçi olaryň barynam ozar, ýöne, Tumarlym... Oňa şöwür gowy ýarady.**
**Oraz aga: Hmm... Seňä seýis bolaýmagyňam ahmal. Ýöne adamlaram aty tanaýşyň ýaly tanamany öwren.**
**Nazar: Men adamlara belet. Her kim öz atyny ozdurjak.**
**Oraz aga: Edil beýle däldir. Sen nahak ýere Baýrama müňkürlik edýäň. Müňkür bolsaň, her kim aldawçy ýaly görner. Atyň ýanyna deper, ýykar diýip baraňoga? Sen ata ynanýaň, olam seni ýykjak bolup duranok. Bir gezek, ýarym gezek, bir atdan ýykyldym diýip, ähli atlara ýakymsyz diýýän dälsiň. Adamlaram edil şoň ýaly. Sen adamlary gowy görseň, ynansaň, olaram seni gowy görerler, aldamazlar. Heýem, Baýram ata hyýanat edermi? Beýle pikir etseň aýp bor.**
Oraz aga Nazaryň ýanyndan aýrylyp, daşaryk çykýar. Şol wagt Mämmet gelýär.
**Mämmet: Salowmaleýkim, Oraz aga.**
**Oraz aga: Waleýkim, saglykmy?**
**Mämmet: Şükür. Ertirem iň soňky günmi?**
Oraz aga sesini çykarmaýar. Ol aladaly. Elindäki çybyjagy bilen ýer çyzýar.
**Mämmet: Meňkinem Kiçi Seräň ýanyna ýazaýypsyň-la, ýa Tumarlydan inçe tama barmydyr?**
**Orazž aga: Aý, Kiçä ýoldaş...**
**Mämmet: Çapyksuwarynam-a näbelli edip goýupsyň?**
**Oraz aga: Oňam pikirini-hä edýän.**
Mämmet Oraz aganyň gürleşesiniň gelmeýänini görüp dursa-da, närazy, gaşlaryny çytyp pikirini aýdýar.
**Mämmet: Oraz aga, elli gepden belli gep. Şu wagta çenli Kiçi Seräni Baýramdan başga adam çapmady. Bu günem, goý, ol öz atyny çapsyn. Ýunusy Tumarla mündireli. Ony özüm göwnederin.**
**Oraz aga: Seýis halky işine goşuluberseň halaýan däldir.**
Oraz aga gürrüň gutardy äheňinde ýerinden turýar. Elindäki çybyjagyny arkasyna tutup, ýene athana tarap ýönelýär. Emma Mämmet ondan galanok.
**Mämmet: Kiçi Sereden tamaň uly bolany üçin oňa Ýunusy mündirýäňmi?**

Oraz aga durýar. Gaňrylyp Mämmediň ýüzüne göni seredýär. Aňyrda Nazaryň bulary eşdip durany görünýär.
**Oraz aga: Kiçi Sere-de, Tumarlam öz atym. Ýok, meň diýenim bolar diýjek bolsaň, hon-ha taýyň. Äkit kime seýisletseň, kime çapdyraýyn diýseň ygtyýaryň...**
**Mämmet: Ýok, Oraz aga, ygtyýar özüňizde... men ýöne...**
Oraz aga elindäki çybyjagy ýere oklap goýberýär.
**Oraz aga: Ýönesi ýok, şol işiň.**
**Mämmet: Bolar, Oraz aga.**
**Oraz aga: Bolýar.**
Oraz aga ýene athana tarap gaýdýar. Mämet maşynyny münüp gidýär.
Aýlaw ýolunyň gyrasy bilen eli paketli, welosipedini sürüp Baýram hem gelýär. Ol gelişine athana girýär. Şatlyk bilen salamlaşýar.
**Şatlyk: Munyň näme?**
Baýramyň elinden pakedi alýar. Içinden dogabagyny çykarýar.
**Şatlyk: E-eý, muny... Nazar! Nazar, bärik gel.**
Nazar çagyrylanyny geň görüp gelýär. Şatlyk pakedi alyp, daşaryk çykýar. Nazar hem yzynda.
**Şatlyk: Gözüňi ýum.**
**Nazar: Näme üçin?**
**Şatlyk: Ýum-da, ýum diýildi.**
Nazar nälaç gözüni ýumýar.
**Şatlyk: Aç indi.**
**Nazar: Dogabagymy?**
Oraz aga-da oglanlaň sesine daşaryk çykýar. Ol Nazaryň elindäki dogabagyny alyp synlaýar.
**Oraz aga: Tüweleme, eli çeper adam dokapdyr. Kiçi Seräňkiçe bar.**
**Şatlyk: Ikisinem Arzygül dokady, Oraz aga. Dak-da Nazar!**
**Oraz aga: Şu wagt ata azar bermäň. Çapuw geçsin.**
Nazar ýüzüni sallap gidýär.  Baýram onuň yzyndan seredip dur.
**Baýram: Oraz aga, men Tumarlyny çapjak däl.**
**Oraz aga: Näme?**
Baýram ýüzüni aşak salyp dur.
**Oraz aga: Hmm. Hany ýör jaýa gireli.**
Olar iki çäk seýisiň jaýynda
**Oraz aga: Kiçi bilen Tumar-ly, ikisem öz seýisleýän atym. Ozanyna begenýän, galanyna gynanýan. Ikisiniňem. Ýöne başga biriniň seýislän atyna-da ikilik eden ýerim ýokdur. At behişdi maldyr. Dili ýok, geplänok diýäýmeseň bar zada düşünip durandyr. Görýäň-ä, ýaryşa çykanlarynda bolaýyşlaryny. Bizden beter ozaslary gelýändir. Seýisiňki olary myradyna ýetirmek. Ozsun diýip men Kiçi Serä Ýunusa mün diýip haýyş etdim. Tabynam görýänsiň, öňki çapuwdakysyndan kän gowy. Tumarla-da näçe azap etdik. Oňam ozanyny isleýän.  Ýunus Kiçi Serä aýagynda baryny etdirer. Senem Tumarlyda gaýrat et. Belki ikiňizden biriňiz ozsaňyz.**
**Baýram: Men Kiçi Seräni, Ýunus Tumarlyny münse näme?**

**Oraz aga: Ýaş bolýaň oglum. Her çapuwda her seýisiň öz syrjagazy bolýandyr. Çykdym-da ozdum ýokdur. Il näme biz işleýärkäk ýatandyr öýdýäňmi?  Ýunus Tumarla mündügi ol derrew garşydaşlaň gözüne iler. Kiçi Seränä Kiçi Sere diýip göz astyna alarlar, Tumarlynam Ýunus mündi diýip sypdyrmazlar. Häzir welin, olaryň bar ünsi Kiçide bolar. Sen öňe sokulma-da, garaş-da otur. Garadagy ýassa. Gönä çykaňsoň, atlaryň aýagy pytrap ugrar welin, sen olaň ygyndan çyk-da, gyssaber atyňy. Düşündiňmi?**
**Baýram: Düşündim, Oraz aga.**
**Oraz aga: Bar onda, atlaň ýanyna. Ertirki çapuw kimiň seýis, kimiň çapyksuwardygyny görkezýän çapuwdyr.**
**Baýram: Oraz aga, neme... Men ertir Şatlyk bilen gijiräk gelsem...**
**Oraz aga: Hä, näme boldy?**
**Baýram: Ertir institudyň giriş synaglarynyň netijesi belli bolýar.**
**Oraz aga: Tüweleme, okuwa girýäňmi?**
**Baýram Ertir görmeli-dä.**
**Oraz aga: Bor oglum ertir at münme aladamyz ýok. Çawuňa ýetişseňiz bolýar. Bärsini Nazar ikimiz bir zat ederis.**

**35-njy epizod**
Politehniki instituň binasy. Binanyň öňi okuwa girmek isleýän oglan-gyzlardan doly. Gaýda-gaýmalaşyk. Olaryň arasynda Baýram bilen Şatlygam görünýär.
**Şatlyk: Alada etme, geçensiň.**
**Baýram: Soranlaryna jogab-a berdim...**
Şatlyk dostundan beter alada edýär. Zol gapa seredýär.
**Şatlyk: Çykmadylar-aý...**
Şol wagt bir ýigit okuwa kabul edilenleriň sanawy ýazylan kagyzlary alyp çykýar. Gelişine-de, olary bildirişler tagtasyna berkidip başlaýar. Onuň daşy derrew oglan-gyzlardan hümer bolýar. Barmaklar familiýalary yzarlaýar. Sanawda „Sapaýew Baýrammyrat“ diýen ýazgy görnüp gidýär. Şatlyk bilen Baýram dyknyşykdan zordan çykýarlar. Şatlyk Baýramy gujaklaýar.
**Şatlyk: Gutlaýan, dost.**
**Baýram: Sag bol.**
Şatlyk duran ýerinde bökjekleýär. Bir nätanyş adam onuň elini gysýar.
**Nätanyş: Girdiňmi?**
**Şatlyk: Ýok, dostum girdi.**
Baýram elindäki ykjam telefony bilen ejesine jaň edýär.
**Baýram: Eje, girdim. Adym çykypdyr. Hawa. Hawa. Özüm gördüm, Şatlyk bilen. Hawa, ýanymda. Sag bol. Bor, eje. Men aýlawdan soň bararyn.**
**Maýa: Senem at çapýaňmy?**
**Baýram: Hawa, uly baýraga çapýan. Bolýar sag bol eje.**
Baýram telefony ýapýar.
**Şatlyk: Ýör bir doňdurmajyk...**
**Baýram: Ýör.**
Doňdurma satýan kafe. Bir stoluň başynda Baýram bilen Şatlyk otyrlar. Ýakymly saz eşdilýär.

**Baýram: Henizem ýalan ýaly.**
**Şatlyk: Ýalan bormy? Eý, oňa jaň edeňokmy?**
Baýram jogap bermän, özüni ýitirýär. Aşak bakýar.
**Şatlyk: Garaşyp oturandyr. Bolýa-da, senden jaň eden bor-maý.**
Şatlyk ykjam telefonyň düwmelerini basyşdyrýar.
**Şatlyk: Arzygül... Alo, men Şatlyk. Şatlyk. Hawa. Buşlugyma näme berýäň? Aýtmankam nädip bildiň? Hawa. Girdi. Ýanymda gyzaryp otyr.**
Şatlyk gülýär. Baýram turup gidýär.
**Şatlyk: Bolýa... buşlugymy alyp goý.**
Şatlyk telefony ýapyp Baýramyň yzyndan ýetýär.
**Şatlyk: Nirä eňip barýaň-aý?**
**Baýram: Ýanymda diýmelimi, hökman.**
Şatlyk dostunyň egnine elini atyp gülýär.
**Şatlyk: Ýanymdadyň-da, dagy ýalan sözläýinmi?**
Olar doňdurmalary ellerinde ýuwaşja ýöräp barýarlar.
**Şatlyk: Indi, at münmäňi goýaýmasaň? Hem okajak, hem aýlawa gatnajak bolsaň...**
**Baýram: Heýem goýarynmy?**
**Şatlyk: Ýetişmeseň?**
**Baýram: Ýetişerin...**

**36-nji epizod**

Baýramlaň öýleri. Maýa telefony goýup Sapany gygyrýar.
**Maýa: Sapa, Sapa ogluň okuwa giripdir.**
**Sapa: Näme? Baýrammy?**
**Maýa: Hawa ýaňy jaň etdi. Polide binagärlik bölümne.**
**Sapa: Nätdiň-aý? Çynyňmy? Ýalan bolaýmasyn.**
**Maýa: Näme üçin ýalan bolsun?**
**Sapa: Oň kellesinde atdan başga zat barmy? Nädip okuwa girsin?**
**Maýa: Gel, görkezeýin.**
Olar kompýuteriň başyna geçýärler. Maýa kompýuterde Baýramyň çyzan çyzgylaryny görkezýär.
**Sapa: Şulary Baýram etdimi?**
**Maýa: Ogluň welosepedli diňe aýlowa däl, kursa-da gatnady. Men kakama jaň edemog-a.**
Telefony alýar. Kakasyna jaň edýär.
**Maýa: Kaka, buşluk. Baýram okuwa giripdir.**
**Gurban: Aý berekella. Ondan tama-da şeýledir. Buşlugyňa näme äbereýin? Hany özi. Berdä telefony.**
**Maýa: Özi aýlawda-da. Bu gün at çapýan diýdi.**
**Gurban: Onda görmäge gideliň-dä. Gitjek bolsaňyz barýan.**
**Maýa: Gitsekmikäk?Häzir soraýyn.**
Sapa razylyk berip, başyny atýar.
**Maýa: Kaka, gidýäs.**

**37-nji epizod**

Baýdaklar pasyrdaýar. Adamlar topar-topar bolup aýlawa gelýärler. Bir topar 9-10 ýaşlaryndaky oglanjyklaryň galmagaly asmana galýar. Hersiniň elinde at çapyşygynyň tertibi.
**Olaryň biri: Kiçi Sere meňki.**
**Ýene biri: Eý, Kiç Seräni Ýunus çapýar.**
**Beýlekisi: (tertibi okap) Çapyksuwary ussat çapysuwar Ýunus Babaýew. Eý, dagydar-eý.**
**Başga biri: Özem iki ýaşarda iň uly baýrak.**
**Başdaky oglan: Maşyn berlermikä?**
**Beýlekisi: Bererler.**
**Başdaky oglan: Kiçi Sere meňkidir-eý...**
Gurban aga, Sapa, Maýa dagam maşyndan düşüp, aýlawa girýän tomaşaçylaryň arasynda. Owadan, kerpiç-kerpiç gülli çapyksuwar köýnekli Ýunus Kiçi Seräň üstünde. Ýaşyl köýnekli Baýramam Tumarlyny münüpdir. Olar Oraz aganyň daşyndan aýlanyp durlar. Oraz aga olara iň soňky tabşyrygy berýär.
**Oraz aga: Ýunus, turuwbaşdan öňe düşjek bol. Şol gidişiňe-de git. Garma-gürmelige girme. Deňiňden geçiberjek bolsalar, badyňy gatalt, ýogsa gaty gyssanma-da. Men saňa öwretmeli däl Ýunus, gönä düşensoň gaýgyrmagyn. Soňuna baranda ýuwaşaýmasy bardyr, gyssamaňy goýmagyn.**
**Baýram jan, senem göwniçökgünlik etmegin. Üçünji ýeri sypdyrma. Öňüňden şemal urdurmajak bol. Saňa kän üns beren bolmaz. Şonda-da gysaja düşäýmegin. Kim Kiçi Seräni kowalasa, sen şoň ygynda otur. Gözüň Garadagda bolsun, çapuwyň badyny ýatyr. Öňe geçen daşyňdan aýlanyp geçsin. Pellehana iki ýüz metr galýança aty goýberme. Alňasamagyn. Hany, Alla abraý bersin. Sag-aman gidip geliň! Nazar! Aty toýhana äkit. Ähli atlar gysa girer, onsoň, sen salgyn. Baryň Alla ýaryňyz.**
Ýunus Kiçi Sere bilen märekäň öňünden geçmäge gidýär. Tumarlyň uýanyndan tutup Nazar toýhana tarap alyp ugraýar. Baýram atyň üstünde üzeňňisini düzedişdirýär.
**Nazar: Diýenimi etseň, Kiçi Seräni sypdyrma. Aýagy agsamasa Tumarly ozar.**
**Baýram: Sen alada etme, Oraz aga nähili çapmalydygyny tabşyrdy.**
**Nazar: Wah, şol iými bermeli däldim. Özümden boldy.**
**Baýram: Sen alada etme. At gowy gutuldy.**
**Nazar: Ozarsyň gerek?**
**Baýram: Nesip işi. Belki. Men elimden gelenini ederin, arkaýyn bol, Nazar.**
Olar demir gysynyň deňine gelýärler. Beýleki atlar hem ýygnanypdyr. On iki at, bir-birinden beter dyzmaç. Nazar gyrada Tumarlyny saklap dur. Atlar ýerli-ýerine girýärler. Nazar Tumarlyny hem belligine görä ýerine salýar.
**Nazar: Alla ýaryň, Baýram!**
Baýram „Sag bol“ diýen manyda baş atýar. Gysynyň gapylary açylýar. Kiçi Sere turuwbaşdan öňe saýlanýar. Baýram hem Oraz agaň tabşyryşy ýaly, ikinji barýanyň ygynda oturýar. Tiz wagtdan Altyntaý Kiçi Seräni kowmaga başlaýar. Ol

ikinji barýan Gyrguşyň deňinden geçeni bilen Baýram onuň ygyna düşýär. Gyrguş ýene Altyntaýyň öňüne düşýär. Ýunus öňden baryşyna gaýta-gaýta yzyna seredýär. Altyntaý ýene öňe dyzaýar. Kiçi Serä ýakynlaşýar. Onuň ygynda Garadag otyr. Baýram ol ikisiniň arasyny bölmäge çalyşýar. Garadagyň çapyksuwary çala jyalwyny gowşadany bilen Tumarlyň alkymyna barýar. Badyna Altyntaýyňam daşyndan aýlanyp Gyrguşyň yzyndan ýetýär. Tumarlam ondan galman Altyntaýy ozýar. Garadag Gyrguşam geçýär. Tumarly onuň yzynda, olam Gyrguşdan geçýär. Garadag Kiçi Seränem ýetmegiň pikirinde öňe okdurylýar. Ýunus Kiçi Seräniň uýanyny gowşadýar. Ýene Kiçi Sere arany çala açýar. Baýram bar güýji bilen Tumarlyny çekip otyr. Tomaşaçylaryň oturan ýerinde gykylyk asmana galýar. Oraz aga dünýäni unudyp, aýlawyň içi bilen gönüläp pellehana tarap haýdap gelýär. Onuň elinde telpegi, tahýasy gyşarypdyr. Ol samraýan ýaly, özbaşyna gürläp gelýär.

Maýa, Sapa, Gurban aga dagam tomaşaçylaryň arasynda.

**Oraz aga: Howlukma Baýram jan. Howlukma... Ýunus gaç, garanjaklama gaç.**

**Gurban aga: Baýram jan, gaýrat et, gaýrat et....**

Atlaryň toýnagyndan topbak gum kiçijik bulut ýaly görünýär. Eminleriň bir giden sekundomerleri işleýär. Alypbaryjy mikrofony elinde çapyşygyň gidişini habar berýär. Galmagal asmana göterilýär. Baýram hyrçyny dişläp, ata ýelmeşen ýaly bolup otyr. Tumarly öňe dyzaýar. Garadag Kiçi Seräni ýetdim-ýetdim edip barýar. Olar ýanaşyp esli gidýärler. Baýramam jylawy goýberýär. Üç atyň üçüsem deňleşýär. Märekäň şowhuny al asmana galýar. Tumarly iň öňde barýan Kiçi Sereden bir boýun öňe düşýär. Ýunus Kiçi Seräni doly güýjüne sürmäge başlaýar. Garadagyň çapyksuwary hem jan edip sürýär. Oraz aga-da, pellehana golaýlapdyr. Indi Oraz aganyň näme diýýänine düşünip bolanok. Pellehana gitdigiçe ýakynlaşýar. Baýram hem Tumarlyny aýak aldygyna sürýär. Esasy çekeleşik Kiçi Sere bilen Tumarlynyň arasynda gidýär. Ýunus Tumarlynyň deňinden geçip barýanyny görüp, gyssanýar. Baýram hem hyrçyny dişläp, elinde baryny edip, Tumarlyny sürýär. Tomaşa edip duran oglanlar bogazyna sygdygyndan gygyryp, duran ýerlerinde bökýärler. Pellehanadan  Tumarly Kiçi Sereden bir boýun öň geçýär. Aňyrdan Nazar hem bökýär, hem ylgaýar, hem gygyrýär. Oraz aga-da elinde telpegi ylgap ýola çykýar. Nazar onuň elinden telpegini alyp, asmana zyňyp gapýar. Oraz aga Nazary gujaklaýar. Şatlygam gelip, Nazary gujaklaýar. Sapa, babasy, Maýa begençlerine biri-birini gutlaýarlar. Pellehanadan geçen atlar badyny ýuwaşadyp, olaryň ýanyna golaýlaşýarlar. Nazar Tumarlynyň öňünden çykýar, Şatlyk Kiçi Seräniň. Kiçi Seräni Şatlyga beren Ýunus gelip, Baýramyň elini gysýar.

**Nazar: Men diýdimä size Tumarlym ozar diýip.**

Baýram gaňyrlyp ikinji ýer alan Kiçi Serä seredýär. Gözüne wagt haýallan ýaly, Kiçi Seräň herketleri haýalladylyp görkezilýär. Oňa münüş öwredýärkäler aşagynda galyşy Baýramyň göz öňüne gelip gidýär. Oraz aga Baýramy gujaklaýar.

**Oraz aga: Berekella, oglum. Gözüň aýdyň, Nazar jan! Gördüňmi, Baýram janyň ediberişini?!**

**Nazar: Hakykatdanam, adamlary tanamany öwrenmeli ekenim...**

Şatlyk Kiçi Seräni idip gelşine Baýramy gutlaýar. Baýram Kiçi Seräniň boýnundan gujaklaýar. Onuň gözünde ýaş.
**Baýram: Kiçim, meni bagyşla... Gaýdyp seniň garşyňa at çapmajagyma söz berýän.**
Şatlyk Nazara gygyrýar.
**Şatlyk: Dogabagyny dak-da, Nazar!**
Nazar kellesine kakýar. Ol elinde dogabagynyň bardygyny hem unudypdyr. Elindäki dogabagyny Tumarla dakýar. Tumarlyny idip märekäň öňüne alyp barýar. Tumarly ozanyny bilýän ýaly, oýnaýar. Onuň yzynda Oraz aga bilen Baýram. Oraz aga Baýramyň egnine elini atypdyr, zol ony özüne gysyp, „Berekella, Baýram jan“ diýip gaýtalaýar. Tomaşaçylar çapak çarpýarlar, gygyrýarlar.
**Gurban aga: Baýram! Baýram jan!**
Baýramyň babasyna, ejesine, kakasyna gözi düşýär. Elini galdyrýar.
**Alypbaryjynyň sesi: On ikinji çapyşykda, iki ýaşarlar üçin, hormatly Prezidentiň adyna goýlan iň uly baýragy Tumarly diýen at eýeledi. Onuň çapyksuwary Baýram Sapaýew. Ol Prezidentiň baýragyna – ýeňil awtomobile mynasyp bolýar.**
Tumarlynyň arkasyna Mämmet teke halysyny atýar. Ýeňil maşynyň açaryny Baýrama gowşurýarlar. Oraz aga Baýramyň maşyn açarly elini ýokaryk galdyrýar. Aňyrda täzeje daşary ýurt maşyny görünýär. Mämmet, Şatlyk, Nazar dagy Baýramy oklap-gapýarlar.

## EPILOG

Bedä ýaplanyp 5 ýaşlaryndaky çagajyk taýly baýtallary synlaýar. Taýjagazlar giň agylda aýlanyp ýörler. Baýtallar bede bilen, taýlaryny emdirmek bilen. Oglanjygyň gözi süzülip uklap galýar. Maýa bilen Sapa ogullaryny gözleýärler. Olar howsalaly. Köçäň ugrunda oýnaşyp ýören çagalardan, tamdyryň başyndaky aýaldan, kölegede çaý içýän ýaşuludan, öňlerinden çykandan ogullaryny soraýarlar. Hiç kim Baýranjygy görmändir. Ahyry bir daýza athowla tarap elini uzadýar. Garaňky gatlyşyp barýar. Sapa bilen Maýa howlukmaç athowla tarap gidýärler. Oglanjyk süýji ukuda ýatyr. Ony ilki kakasy görýär. Bir salym ýüzüne seredip durýar. Oňa çenli ejesem gelýär. Sapa Baýramy oýatman gujagyna alýar. Oglanjyk ukyň arasynda kakasynyň boýnundan gujaklaýar. Olar şeýdip oba tarap gaýdýarlar...

**SOŇY**